TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– ÄHLUMUMY ABADANÇYLYGYŇ WE ÖSÜŞIŇ BÄHBITLERINE GÖNÜKDIRILEN NETIJELI HALKARA HYZMATDAŞLYGY MUNDAN BEÝLÄK-DE GIŇELDERIS.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
9-njy fewral, 2024. Belgisi 6/1572



# HOŞNIÝETLI GOŇŞUÇYLYK ÝÖRELGELERI DOWAM ETDIRILÝÄR

**6-njy fewralda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.**

Döwlet Baştutanymyz dostlukly ýurduň Lideri bilen gadyrly salamlaşyp, türkmen halkynyň adyndan hem-de hut öz adyndan Bişkek şäherindäki ýylylyk elektrosentralynda bolup geçen hadysa baradaky habara duýgudaşlyk bildirdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan Gyrgyzystanda bolan hadysa zerarly dostlukly ýurda ynsanperwerlik ýüküni ugratdy we zerur bolan ýagdaýynda ähli kömegi bermäge taýýardyr. Hormatly Prezidentimiz bu barada aýtmak bilen, doganlyk ýurda çylşyrymly ýagdaýy ýeňip geçmekde goldaw beriji sözlerini aýtdy we ýylylyk elektrosentralyndaky dikeldiş işleriniň tiz wagtda tamamlanmagyny arzuw etdi.

Prezident Sadyr Žaparow gyrgyz halkynyň adyndan we öz adyndan bu çylşyrymly pursatda duýgudaşlyk sözleri üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirdi. Gyrgyzystanyň Baştutanynyň nygtaýşy ýaly, goňşy döwlete ilkinjileriň hatarynda kömek eden Türkmenistan bilen dostlukly gatnaşyklara onuň ýurdunda ýokary baha berýärler. Mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Sadyr Žaparow türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa mähirli salamyny beýan etdi hem-de berlen goldaw üçin tüýs ýürekden hoşallygyny bildirdi.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda Türkmenistan bilen Gyrgyz Respublikasynyň arasyndaky gatnaşyklaryň özara düşünişmegiň we açyklygyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýandygy bellenildi. Ýurtlarymyz netijeli syýasy dialogy ösdürmek bilen, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň we GDA-nyň çäklerinde işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Şunda söwda-ykdysady ulgam ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Däp bolan medeni-ynsanperwer gatnaşyklar hem işjeň ösdürilýär.

Telefon arkaly söhbetdeşligiň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hem-de Prezident Sadyr Žaparow birek-birege berk jan saglyk, jogapkärli döwlet işlerinde üstünlikleri, Türkmenistanyň we Gyrgyzystanyň doganlyk halklaryna bolsa parahatçylyk, rowaçlyk, abadançylyk arzuw etdiler.

Telefon arkaly söhbetdeşlik gyrgyz tarapynyň başlangyjy boýunça geçirildi.

* * *

Gyrgyz Respublikasynyň energetika ulgamynda ýüze çykan ýagdaýlary nazara alyp, hormatly Prezidentimiziň gol çeken degişli Buýrugyna laýyklykda, 2024-nji ýylyň fewral aýynda ynsanperwerlik kömegi, ýagny 2 müň tonna möçberdäki suwuklandyrylan gaz dost-doganlyk kömegi hökmünde bu ýurda iberildi.

Türkmen halkynyň hoşniýetlilik, ynsanperwerlik ýaly gadymdan gelýän ýörelgelerinden ugur alnyp, gyrgyz halkyna ynsanperwerlik kömegini ibermek baradaky çözgüdiň kabul edilmegi Gyrgyz Respublikasy bilen netijeli hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň döwletara gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegidigininiň hem-de çylşyrymly pursatda doganlyk kömegini bermekde hoşmeýilli erkiň nobatdaky güwäsidir.

## Saglygy goraýyş ulgamynda gazanylan üstünlikler



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde, soňky ýyllarda saglygy goraýyş ulgamy dünýä derejesine çykaryldy. Ýurdumyzda halka hödürlenilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň görnüşleri giňeldildi we hili ep-esli ýokarlandyryldy. Munuň özi ugurdaş düzümleriň yzygiderli ösdürilmegi hem-de döwrebaplaşdyrylmagy esasynda mümkin boldy. Olaryň üsti häzirki zaman, Merkezi Aziýa sebitinde deňi-taýy bolmadyk, dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň enjamlary bilen üpjün edilen bejeriş-anyklaýyş, ylmy-kliniki merkezleri bilen yzygiderli ýetirilip durulýar. ■ 3

## Halkara gatnawlar – girdeji çeşmesi



Soňky birnäçe ýylyň dowamynda ýurdumyzyň raýat awiasiýasyny ösdürmek, döwrebaplaşdyrmak, onuň enjamlaýyn binýadyny berkitmek maksady bilen, ençeme zerur çäreler durmuşa geçirildi. Şunda «Türkmenistanyň raýat awiasiýasyny ösdürmegiň 2012–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmaga, howa gämileriniň düzümini dowamly döwrebaplaşdyrmaga we uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmäge aýratyn ähmiýet berilýändigini nygtamak zerur. ■ 3

# TÜRKMENISTAN-TÜRKSOÝ: hyzmatdaşlygyň anyk ugurlary

**Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda medeniýet ulgamynyň döwrebap derejede ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Eziz Diýarymyzda taryhy-medeni mirasy aýawly saklamak we çuňňur öwrenmek, dünýäde wagyz etmek, her bir raýatyň milli medeniýetiň gymmatlyklaryna bolan söýgüsini has-da artdyrmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.**

Golaýda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde Türki döwletleriň medeniýet boýunça halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) Baş sekretary Sultanbaý Raýew bilen duşuşyk geçirildi. Guramanyň ýolbaşçysy 2024-nji ýylyň Türkmenistan üçin türki dünýäsinde ähmiýetli ýyl boljakdygyny, munuň şeýle bolmagyna 2024-nji ýylda TÜRKSOÝ guramasynda Gündogaryň beýik akyldarynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli «Türki dünýäsiniň akyldary we şahyry Magtymguly Pyragynyň ýyly» we Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmeginiň täsir edendigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, duşuşykda Türkmenistanda we TÜRKSOÝ guramasynyň ähli agza döwletlerinde geçirilmegi meýilleşdirilýän bilelikdäki çäreler we olaryň guramaçylyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Bitarap Türkmenistan daşary syýasatynda abraýly halkara guramalary, aýratyn hem BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy (ÝUNESKO), Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) ýaly iri halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýär.

Türki medeniýetiň halkara guramasy 1993-nji ýylda Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Özbegistan, Türkmenistan we Türkiýe Respublikasy tarapyndan gol çekilen şertnama laýyklykda döredildi. Soňra birnäçe döwlet bu guramanyň synçy agzalygyna goşuldy.

TÜRKSOÝ guramasy döredilen wagtyndan bäri türki halklaryň arasyndaky gatnaşyklary berkitmek, umumy türki medeniýetini geljek nesillere miras goýmak we ony dünýä tanatmak ugrunda iş alyp barýar. Guramanyň işleri agza ýurtlaryň medeniýet ministrlerinden ybarat hemişelik geňeş tarapyndan kesgitlenýär. ■ 2

# Hytaýyň ýurdumyzdaky Medeniýet ýyly tamamlandy

**5-nji fewralda paýtagtymyzda Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet ýylynyň ýapylyş dabarasy geçirildi. Bu waka mynasybetli dostlukly döwletiň wekilçilikli topary ýurdumyza geldi. Onuň düzüminde ugurdaş edaralaryň ýolbaşçylary we işgärleri, aýdym-saz, tans sungatynyň ussatlary, akrobatlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bar.**





Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet ýylynyň ýapylyş dabarasy mynasybetli Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgüne dostlukly ýurduň sungatynyň köp sanly muşdaklary ýygnandylar. Dabarada bellenilişi ýaly, Medeniýet ýylynyň çäklerinde Türkmenistanda geçirilen dürli çäreler iki ýurduň ugurdaş ulgamynyň wekilleriniň arasynda täze, netijeli döredijilik we hünär gatnaşyklaryny ýola goýmaga, halklarymyzyň köpugurly hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga şert döretdi. Çykyş edenler döwletlerimiziň Beýik Ýüpek ýolunyň galkynan döwründen gaýdýan köpasyrlyk dostluk we düşünişmek ýörelgelerine berk ygrarlydyklaryny tassyklamak bilen, netijeli hyzmatdaşlygy okgunly ösdürmek üçin anyk çäreleriň durmuşa geçirilýändigini bellediler.

Bu ýerde guralan konsert maksatnamasynyň çäklerinde Hançžou şäheriniň Opera we tans drama teatrynyň artistleriniň, «On iki Syantaý» sungat toparynyň çykyşlary ýerine ýetirildi. Oňa şowhunly aýdym-sazly, tans we akrobatik çykyşlary hem girizildi. Olarda janlandyrylan keşpler diňe bir hereketler we mimika bilen däl-de, köp sanly özboluşly grim aýratynlyklary bilen hem beýan edilýär. Milli lybaslar, sazlar, özboluşly ussatlyk bilen ýerine ýetirilen akrobatik çykyşlar tomaşaçylara hytaý sungatynyň gadymy we häzirki zaman ruhuny duýmaga, sirk sungatynyň nesilden-nesle geçirilip gelinýän täsin horeografiýasyna, jadylaýjy güýjüne baha bermäge mümkinçilik döretdi.

Konsert maksatnamasy «Şatlykly Hytaý Täze ýyly» kompozisiýasy bilen açyldy. Joşgunly aýdym-sazlar we tanslar tomaşa zalynda Hytaýyň däbe öwrülen Täze ýylynyň baýramçylyk gurşawyny emele getirdi. Häzirki zaman meýillerini özünde jemleýän ujy egri gadymy hytaý kirişli saz guralynda – täzeçil «erhu» görnüşde ýerine ýetirilen «Çapylýan bedewler» atly çykyşy tomaşaçylar aýratyn joşgun bilen garşyladylar. ■ 2

## Dünýä rekordyny gazandy



«Roskosmos» döwlet korporasiýasynyň kosmonawty, kosmonawtlar toparynyň serkerdesi Oleg Kononenko kosmosda sarp eden umumy wagty boýunça dünýä rekordyny täzeledi. ■ 4

## Bütindünýä pizza güni



Pizza dünýäde iň halanýan tagamlaryň biridir. Italýan aşhanasyndan gözbaş alýan «tekiz çörek» bütin dünýäde meşhurlyk gazanyp, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä gymmatlyklarynyň bir bölegine öwrüldi. ■ 5

## Emeli aň bilen roman ýazdy



Ýapon ýazyjysy Rie Kudan 2024-nji ýylda abraýly Akutagawa edebiýat baýragyna eýe bolan romanynyň bir bölegini ChatGPT ýaly generatiw emeli aňyň kömegi bilen ýazylandygyny boýun aldy. ■ 6

## Formula 1-de taryhy şertnama



Formula 1-de taryhy waka boldy. 17 ýyllyk F1 karýerasyny «Ferrari» toparynyň gadymy bäsdeşi «McLaren» hem-de «Mercedes» toparlarynda geçiren Hamilton italýan toparynyň düzümine goşular. ■ 7

## Dünýä Kubogy 2026-nyň açylyş hem-de final duşuşyklarynyň geçiriljek stadionlary mälim edildi



■ 8

# TÜRKMENISTAN-TÜRKSOÝ: hyzmatdaşlygyň anyk ugurlary

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Hemişelik Geňeşiň mejlislerinde kabul edilen kararlar TÜRKSOÝ-yň Baş sekretariaty tarapyndan amala aşyrylýar.

Ýurdumyzda 2024-nji ýylda bu gurama bilen ençeme çäreleri guramak meýilleşdirilýär. Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) Hemişelik Geňeşiniň 41-nji mejlisi, guramanyň döwlet teatrlarynyň direktorlar geňeşiniň X mejlisi, TÜRKSOÝ-yň II Halkara teatr festiwaly ýaly köp ugurly medeni çäreler guralar.

2023-nji ýylda hem Türkmenistan bilen TÜRKSOÝ-yň arasynda dürli çäreler guraldy. Geçen ýylyň iýun aýynda ýurdumyzda TÜRKSOÝ-yň döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli Türki döwletleriň Medeniýet hepdeligi geçirildi. Onuň çäklerinde döredijilik, folklor we tans toparlarynyň, sazandalaryň, opera aýdymçylarynyň bilelikdäki konsertleri, fotosuratlaryň, çagalaryň döreden surat eserleriniň sergisi guraldy. Şeýle hem iýun aýynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri we Magtymguly Pyragy» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Onuň işine TÜRKSOÝ-yň Baş sekretary, Azerbaýjandan, Türkiýeden, Hytaýdan, Koreýa Respublikasyndan, Gyrgyzystandan, Hindistandan, Özbegistandan, Yrakdan, Alžirden, Eýrandan, Rumyniýadan, Belarusdan, Gruziýadan we beýleki döwletlerden Magtymgulynyň döredijiligini öwrenijiler, medeniýet, ylmy işgärler gatnaşdylar.

**Mariýa ABLISENOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*



# Hytaýyň ýurdumyzdaky Medeniýet ýyly tamamlandy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Pipe» atly gadymy milli saz guralynda ýekelikde ýerine ýetirilen çykyş hem bu ýere gelenlerde ýakymly täsirleri galdyrdy. «Beýik Ýüpek ýolunyň gülläp ösmegi» atly tans Merkezi Aziýanyň çäginden geçip, Ýewropa uzan, möhüm ähmiýetli medeni we söwda merkezleriniň, dünýä medeniýetiniň kemala gelmegine şert döreden gadymy söwda ýolunyň beýik eýýamyny täsirli beýan etdi.

Däp bolan hytaý operasyny özünde jemleýän «Milli medeniýetiň özeni» atly çykyşy tomaşaçylar şowhunly el çarpyşmalar bilen garşyladylar. Tomaşaçylar «Pekin», «Henan», «Şaosin» we beýleki operalardan sahna parçalaryny synlap, Hytaýyň täsin saz sungatyna aralaşmaga mümkinçilik aldylar. Döredijiliginde däp bolan akrobatik keşpleri we täzeçil teatrlaşdyrylan sahnalary janlandyrýan artistleriň ýerine ýetirmeginde balet horeografiýasynyň nepisligini hem-de çylşyrymly tilsimlerini özünde jemleýän çykyşlar görkezildi. Gyzykly we özüne çekiji çykyşlary bilen bütin dünýäni maýyl eden hytaý sungat ussatlary türkmenistanlylara ýatdan çykmajak pursatlary bagyş etdiler hem-de tomaşaçylaryň dowamly el çarpyşmalaryna mynasyp boldular.





Şeýlelikde, Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Medeniýet ýylynyň üstünlikli tamamlanan maksatnamasy döwletara hyzmatdaşlygyň we halklarymyzyň dostlukly gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagynda medeni diplomatiýanyň eýeleýän ornunyň barha artýandygyny görkezdi.

# Ýaşlara täze üstünlikler garaşýar

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyz, Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan döwletimiziň bilim ulgamyny has-da kämilleşdirmek we onuň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça giň göwrümli işler durmuşa geçirilýär. Hormatly Prezidentimiziň döwlet baştutanlygynda milli bilim ulgamy dünýä derejesinde ösdürilýär, ýaşlaryň ylym-döredijilik bilen meşgullanmaklary hem-de halkara bilim giňişliginde ýurdumyza mynasyp wekilçilik etmekleri üçin giň mümkinçilikler döredilýär.



«Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023-2030-njy ýyllar üçin strategiýasynda», şeýle hem bilim ulgamy boýunça kabul edilen konsepsiýalarda kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara olimpiadalarynyň birnäçesini geçirmek meýilleşdirilýär.

Şu ýylyň 3-8-nji martynda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde talyplaryň arasynda IV Açyk halkara matematika olimpiadasyny, 15-20-nji aprelde Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde talyplaryň arasynda II Açyk halkara informatika olimpiadasyny hem-de 19-njy aprelde bu ýokary okuw mekdebinde informatika dersi boýunça meýilleşdirilýän bäsleşigiň çäklerinde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe talyp ýaşlaryň ylmy garaýyşlary» atly halkara ylmy-amaly maslahaty we sergini geçirmek göz öňünde tutulýar.

2023-nji ýyl hem ylym-bilim ulgamynda üstünlikli ýyllaryň biri boldy. Geçen ýylyň dowamynda türkmen talyplary we mekdep okuwçylary halkara bäsleşiklere, internet olimpiadalaryna işjeň gatnaşyp, dürli derejedäki medallara mynasyp boldular. 2023-nji ýylda türkmen talyplary halkara derejede geçirilen ders bäsleşiklerinde 265 medal, şol sanda 58 altyn, 94 kümüş, 113 bürünç medal, toparlaýyn hasapda bolsa 4 altyn, 11 kümüş, 15 bürünç – jemi 30 medal gazanyp, birnäçe diplomlara mynasyp boldular.

Mekdep okuwçylary halkara ders bäsleşiklerinde 10 altyn, 15 kümüş, 58 bürünç medal, halkara internet olimpiadalarynda 81 altyn, 152 kümüş, 116 bürünç medal gazandylar, şeýle hem halkara internet olimpiadalarynda 14 müň 381 diploma mynasyp boldular.

Şeýle ylym-bilim bäsleşiklerine biziň ýokary okuw mekdebimiziň ýaşlarynyň hem işjeň gatnaşyp, üstünlikli çykyş edendigini bellemek gerek. Şeýle-de, biziň ýokary okuw mekdebimizde hem şeýle halkara bäsleşikleriň birnäçesi guraldy.

Ýurdumyzda ýaş nesilleriň döwrebap ylym-bilim alyp, kämil ynsanlar bolup ýetişmekleri ugrunda taýsyz tagallalary edýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun.

**Muhabbet DÖWLETOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## Girdejilerini artdyrdy

Geçen ýyl ýapon we koreý awiakompaniýalary ýokary girdeji gazandy. Ýaponiýanyň «All Nippon Airways» (ANA) hem-de «Japon Airlines» (JAL) kompaniýalary geçen ýylyň aprel-dekabr aýlary aralygynda arassa girdejisini ep-esli artdyrdy. ANA satuwyny 22,6 göterim artdyryp, 1,54 trillion ýene (10,4 milliard dollar) ýetiripdir. Kompaniýanyň arassa peýdasy 2,4 esse artyp, 148,9 milliard ýene (1 milliard dollar) ýetipdir.



JAL awiakompaniýasy bolsa, degişli döwürde satuwyny 24,2 göterim artdyryp, 1,25 trillion ýene (8,4 milliard dollar) ýetiripdir. Awiakompaniýanyň arassa peýdasy bolsa 5 esseden gowrak artyp, 85,7 milliard ýene (579 million dollar) ýetipdir.

Awiakompaniýalaryň arassa peýdalaryny ozalky ýylyň degişli döwründäkiden görnetin artdyrmagynda pandemiýa çäklendirmeleriniň aradan aýrylmagynyň täsiriniň bolandygy mälim edildi.

Şeýle hem Koreýa Respublikasynyň «Korean Air» kompaniýasy geçen ýyl 11,3 milliard dollar girdeji gazandy. Esasan hem, kompaniýa ýylyň dördünji çärýeginde 3,09 milliard dollar ýokary girdeji gazanypdyr. Bu görkezijiniň 2019-njy ýyldakydan ýokarydygy mälim edildi.

**Aýbölek NYÝAZDURDYÝEWA,**
*Gökdepe etrabyndaky Kerim Gurbannepesow adyndaky 7-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Dünýäniň iň howpsuz awiakompaniýalary

Awiasiýa pudagynda howpsuzlyk we harytlara baha berýän «AirlineRatings» dünýäniň iň gowy awiakompaniýalarynyň sanawyny taýýarlady. Awstraliýaly kompaniýa sanawy taýýarlamak üçin soňky bäş ýylda ýüze çykan tehniki näsazlyklar, soňky iki ýylda geçirilen barlaglar, uçarlaryň ortaça «ýaşy» we ekipažyň okuwy ýaly ugurlara baha beripdirler. Sanawda «Air New Zealand» birinji orny eýeläpdir. Her ýylda taýýarlanýan sanawyň geçen ýylkysynda «Qantas» awiakompaniýasy birinji orny alypdyr. Bu iki kompaniýanyň arasyndaky tapawut örän az bolup, köplenç birinji we ikinji ýerleri alýar. «Air New Zealand» uçarlarynyň ýylynyň täzedigi sebäpli «Qantas»-dan sähelçe öňe geçipdir. Soňky orunlary bolsa «Virgin Australia», «Etihad Airways» we «Qatar Airways» ilkinji bäşlige giripdir. «AirlineRatings.com» saýtynyň redaktory Goffri Tomas sanawa girizilen 25 awiakompaniýanyň 2024-nji ýylda «Airbus A350», «Boeing 787» we «Boeing 777-9» uçarlary bilen bir hatarda täze, has kämil uçarlaryň ulanylmagynda öňdeligi eýelejekdiklerini belledi. Awiasiýa pudagynyň ösen ýurdy hasaplanýan ABŞ-dan bolsa ilkinji onluga diňe «Alaska Airlines» girizilipdir. Şeýle hem «Hawaiian Airlines» (21-nji), «American Airlines» (22-nji) we «United Airlines» (25-nji) kompaniýalary soňky basgançaklary eýeläpdir. «Emirates» (BAE), «All Nippon Airways» (Ýaponiýa), «Finnair» (Finlýandiýa) we «Cathay Pacific Airways» (Irlandiýa) degişlilikde ilkinji onluga giripdir.



**Kasym GAÝYPOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy.*

## Nebitiň sarp edilişinde öňdeligi eýelär

Halkara Energiýa Agentligi (UEA) 2030-njy ýyla çenli Hindistanyň nebit önümçiliginde dünýäde öňdeligi eýelejekdigini belledi. Hindistanyň Goa şäherinde geçirilen Energiýa hepdeliginde ýaýradylan maglumatda onýyllygyň ahyryna çenli bu ýurduň nebite bolan zerurlygy her gün 1,2 million barrel artyp, 6,6 million barrele ýeter. Häzirki wagtda Hindistan dünýäniň iň uly üçünji nebit importçysy bolup durýar. Maglumatda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine gyzyklanmanyň ösýändigine garamazdan, bu ýurduň nebiti sarp edişiniň artjakdygy bellenilýär. Dünýäniň iň köp ilatly ýurdunyň ykdysadyýetiniň ýokary tizlik bilen ösmegi nebit we demir magdany ýaly çig malyň sarp edilişini görnetin artdyrýar.



Ýurtda energiýa infrastrukturasyna has köp maýa goýumyň goýberilip başlanmagy bolsa nebit pudagynyň ösmegine getirdi. Ýurduň Premýer-ministri hökümetiň geljek ýylky býujetiniň has köp bölegini energiýa pudagyna gönükdirjekdigini mälim etdi. Ýakyn geljekde Hindistanda, esasan, senagatda we oba hojalygynda ulanylýan dizel ýangyjyna we awiabenzine bolan isleg ýokarlanar. Elektroulaglaryň sanynyň artmagy netijesinde benzine isleg çäkli bolar. Häzirki wagtda ýurt OPEC+ ýurtlaryndan has köp nebit satyn alýar.

**Maral GELDIÝEWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy.*

## 6G üçin ilkinji emeli hemra uçuryldy

Hytaý 6G tehnologiýasy üçin niýetlenen ilkinji emeli hemrany uçurdy. «China Mobile» tarapyndan synag maksady bilen uçurylan emeli hemra teragers spektri arkaly aragatnaşygy ýola goýmagy meýilleşdirilýär. Taslamanyň çäklerinde 300 Gigagers bilen 3 teragers ýygylyk aralygyndaky bu tehnologiýanyň aragatnaşyk üçin ulanmaga amatlydygy hem-de tehniki taýdan mümkindigi subut edilmäge çalşylýar. Emeli hemranyň Ýerden 500 kilometr töweregi uzaklykdaky orbita sazlanandygy bellenilip, uzak orbitada ýerleşýän beýleki emeli hemralara garaňda has çalt we köp maglumat geçirmäge mümkinçilik berjekdigi bellenildi.



Hytaýyň 6G tehnologiýasyny tanyşdyryş toparynyň ýolbaşçysy hem-de ýurduň Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary akademiýasynyň başlygynyň orunbasary Wan Žisin 2030-njy ýyla çenli 6G tehnologiýasynyň täjirçilik maksatly ulanylyşynyň ýola goýulmagynyň maksat edinilýändigini belledi. Bu tehnologiýa üçin standartlaryň 2025-nji ýylda taýýarlanmagyna garaşylýar.

Wan Hytaýyň 6G tehnologiýasyny 2022-nji ýylda synag edip başlandygyny, geçen ýylyň dowamynda 6G ulgamynyň gurluşynyň we tehniki çözgütleriniň üstünde barlaglaryň geçirilendigini belledi.

**Merýem SÄHETMÄMMEDOWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

## Bazar nyrhy täze sepgide ýetdi

Ýaponiýanyň «Toyota» kompaniýasynyň bazar nyrhy ilkinji gezek 50 trillion ýenden (337 milliard dollar) geçdi. Dünýäniň iň köp awtoulag öndürýän kompaniýasy bolan «Toyota» ýylyň dowamynda ozalky mälim edilenden has köp peýda gazanjakdygyny habar berdi. Şondan soňra awtoulag öndürijisiniň biržadaky paýnamalarynyň bahasy görnetin ýokarlanyp, taryhy sepgide ýetdi. Kompaniýanyň paýnamalarynyň bahasy geçen ýyl satuwyň ýokary hem-de ýeniň hümmetiniň peselmegi netijesinde 64 göterim gymmatlapdy. Kompaniýa mart aýynyň ahyrynda tamamlanýan maliýe ýylynda girdejisiniň 4,5 trillion ýen däl-de, 4,9 trillion ýen bolmagyna garaşylýandygyny mälim etdi. Şeýlelikde, kompaniýanyň paýnamalary 4,8 göterim artyp, rekord derejä ýetdi. Bu görkeziji bilermenleriň çaklamalaryndan hem ýokary boldy. Golaýda bolsa kompaniýanyň bazar nyrhy gysga wagtlyk Hytaýyň «Tencent» kompaniýasyndan öňe geçip, Aziýanyň iň gymmat üçünji kompaniýasy bolupdy.



## Türkiýede ilat artdy

Türkiýäniň statistika edarasy ilat sany barada maglumat ýaýratdy. Maglumatlara görä, geçen ýyl ýurduň ilaty artypdyr, ilatyň artyş tizligi bolsa, soňky 15 ýylyň iň pes derejesine düşüpdir. 2023-nji ýylda ýurduň ilaty 92 müň 824 adam köpelip, 85 million 372 müň 377-ä ýetipdir. Ýurduň iň köp ilatly şäheri bolan Stambulyň ilaty bolsa, 252 müň adam azalypdyr. Ýurtda ilatyň artyşy müňden 1,1 bolupdyr. Ilatyň 42 million 734 müň 71-si erkekler, 42 million 638 müň 306-sy zenanlar bolupdyr. Başga söz bilen aýdylanda ilatyň 50,1 göterimini erkekler, 49,9 göterimini zenanlar emele getiripdir. Ýurtda ýaşaýan daşary ýurtlularyň sany bolsa, 2022-nji ýyldakydan 253 müň 293 adam azalyp, 1 million 570 müň 543 bolupdyr. Daşary ýurtlularyň 48,6 göterimini erkekler, 51,4 göterimini zenanlar emele getiripdir.



Ýurtda ilatyň artyş tizligi 2022-nji ýylda müňden 7,1 bolan bolsa, bu görkeziji geçen ýyl müňden 1,1 bolupdyr. Geçen ýyl Stambulyň ilaty 15 million 655 müň 924 adam bolupdyr. Bu görkezijiniň ýurduň ilatynyň 18,34 göterimini emele getirýändigi bellenildi. Paýtagt Ankaranyň 5 million 803 müň 482, kenarýaka Izmir şäheriniň 4 million 479 müň 525, Bursanyň 3 million 214 müň 571 we syýahatçylyk paýtagty hasaplanýan Antalýanyň 2 million 696 müň 249 ilatynyň bardygy mälim edildi.

## Syýahatçylaryň sanyny 70 milliona ýetirer

Saud Arabystanynyň syýahatçylyk ministri Ahmed Al-Hatib geçen ýyl daşary ýurtlardan 27 million jahankeşde kabul edendiklerini belledi. Içerki syýahatçylygy hem hasaba alanyňda ýurtda syýahatçylaryň umumy sany 100 milliondan geçipdir. Saud Arabystany 2030-njy ýyla çenli daşary ýurtly syýahatçylaryň sanyny iki esseden gowrak artdyryp, 70 milliona ýetirmegi maksat edinýär. Ýurduň syýahatçylyk pudagynyň wekilleri mundan ozal 2030-njy ýylda 30 million daşary ýurtly syýahatçynyň gelmegine garaşýardylar. Bu görkezijä has ir ýetiljekdigi göz öňünde tutulyp, ony iki esseden gowrak artdyrmagy maksadalaýyk hasaplapdyrlar. Saud Arabystany girdejisini diňe nebit-gazdan däl-de, başga ugurlardan hem alyp, diwersifikasiýalaşdyrmak isleýär. Ýurduň Gyzyl deňziň kenaryndaky dynç alyş ýerleri syýahatçylar üçin uly mümkinçilik hödürleýär.



**Aýgül HAJYNAZAROWA,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Balkan welaýat birleşmesiniň derňewçisi, TKAMM-nyň agzasy.*

## Gar festiwaly geçirilýär

Ýaponiýanyň Sapporo şäherinde gar festiwaly geçirilýär. Ýurduň demirgazygyndaky gardan we buzdan ýasalan äpet heýkelleri görmäge köp myhman barýar. Hokkaýdo prefekturasyndaky şäherde her ýylda geçirilýän bu täsin gyşky çäre 74-nji gezek guralýar. Şäheriň merkezindäki Odori seýilgähinde guralýan çäre pandemiýadan soňra ilkinji gezek çäklendirme bolmazdan guraldy. Bu ýerdäki heýkelleri ýerli ýaşaýjylar we heýkeltaraşlar ýasadylar. Her ýyl bu heýkelleri görmäge 2 million töweregi myhman barýar. 2021-nji we 2022-nji ýyllarda onlaýn görnüşinde guralan festiwal geçen ýyl kiçi görnüşde guraldy. Festiwal 11-nji fewrala çenli dowam eder.



## Içine awtoulag girýän söwda merkezi

BAE-niň «Emaar» we «Noon» kompaniýalarynyň esaslandyryjysy Mohammed Alabbar içine awtoulag bilen girip bolýan söwda merkezini gurmakçydyklaryny belledi. Dubaýyň portunda guruljak binanyň beýikligi anyk bolmasa-da, häzirki wagtda dünýäniň iň beýik binasy (828 metr) Burj-Halifadan kiçi boljakdygy mälim edildi. Alabbar täze guruljak äpet binanyň Birleşen Arap Emirliklerindäki iň beýik bina bolmajakdygyny, sebäbi, täze ösüş maksatnamasynyň käbir taraplaryna gaýtadan seredilende, şäherde owadanlyga has köp üns berilmelidigini aňandygyny aýtdy. Alabbar dünýäniň iň beýik binasy hasaplanýan Burj-Halifany guran kompaniýa ýolbaşçylyk edýär.

## Aýlyk zähmet haky köpeldildi

Ispaniýada iň pes aýlyk zähmet haky 5 göterim köpeldildi. Häzire çenli ýurtda aýlyk zähmet haky – işçiniň eline alýan möçberi 1080 ýewrody. Köpeldilen aýlykda ýurtda iň az aýlyk 1134 ýewro bolup, işçiler ýylda 14 gezek aýlyk alarlar. Ýurtda 2017-nji ýyldan bäri zähmet haklary jemi 54 göterim artdyrylypdyr. 47 milliondan gowrak ilaty bolan Ispaniýada iň pes aýlyk zähmet hakyny alýan 2,5 million töweregi işçiniň bardygy mälim edildi.



Ýewropa Bileleşigine agza bolan Germaniýada iň pes aýlyk zähmet haky 2 müň 54 ýewro, Belgiýada 1994 ýewro, Fransiýada 1766 ýewro.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 9-y, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113370
Belgisi: 6/1572
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Halkymyzyň terbiýe taglymaty

Hormatly Prezidentimiz «Parasatly ata-babalarymyz nesillere ajaýyp däpleri miras galdyrypdyrlar. Agzybirlik, zähmetsöýerlik, ýaşuly nesle hormat-sarpa goýmak halkymyzyň asyrlarboýy durmuş kadasyna öwrülip geldi. Biziň ýaşlarymyz şol däpleri dowam etdirmelidirler. Ösüp gelýän nesilleri şu ýörelgeler esasynda terbiýelemek hemmämiziň wezipämiz bolmalydyr» diýip belleýär. Şeýle ganatly sözlerden ugur alyp, milli terbiýeçilik işi barha kämilleşdirilýär. Munuň özi türkmen ýaşlarynyň aň we beden taýdan kämil şahsyýetler bolup ýetişmeklerini şertlendirýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dowam edýän ýurdumyzyň milli ösüşleri biziň her birimizde çäksiz buýsanç duýgularyny döredýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan bu ösüş-özgerişlerde çagalarymyzyň aýdyň ertirini, ýagty geljege bolan ynamy görýäris. Şeýle bagtyýar döwürde hormatly Prezidentimiz tarapyndan jemgyýetimiziň sagdyn ösüşini esaslandyrýan ýaş nesli terbiýelemekde gadymdan gelýän däp-dessurlara, ýol-ýörelgelere esaslanylmagy bolsa şu günki nesliň aslyna bolan garaýşyny çuňlaşdyrýar. Çünki öz geçmişini gadymyýetden alyp gaýdýan türkmen halkynyň milli däp-dessurlary, edep-kadalary nesil terbiýesine berk baglydyr. Ol heňňamlaryň synagyndan geçip berk binýatly ýyllaryň terbiýeçilik tejribesiniň süňňüni düzýär.

Ata-babalarymyz nesil terbiýesine, edep-ekramyna uly üns bermek bilen, öz dowamatynyň akylly, sagdyn, dogruçyl, asylly, ruhubelent, watansöýüji, zähmetsöýer adamlar bolup ýetişmekleri üçin uly aladalar edipdirler. Sebäbi nesil terbiýesi örän çylşyrymly hem-de jogapkärli häsiýete eýedir. Her bir çaga jemgyýetde özüni alyp barmagyň düzgünlerini, daş-töwerege, adamlara bolan garaýşyny öz maşgalasynda ene-atasyndan, mekdepde mugallymyndan, deň-duşlaryndan öwrenýär. Ata-babalarymyzyň nesil terbiýesinden kemala gelen «edep» sözi köp manyny, ýagny terbiýe, tertip, utanç-haýa, sypaýylyk ýaly çuň manylary özünde jemleýär. Şonuň üçin çaga terbiýesinde edeplilik baradaky düşünjä uly orun degişli bolup, ol gönüden-göni ýaşuly nesliň göreldesi bilen baglanyşdyrylýar. Sebäbi döwletiň berkligi jemgyýete bagly, jemgyýetiň sagdynlygy bolsa maşgala bilen dahyllydyr.

Maşgala milletiň, jemgyýetiň galkynmagynda uly orun tutýan bolsa, maşgalanyň galkynmagynda perzende düşýän paý hem ýokarydyr.

Perzendi şahsyýet derejesine ýetirýän bolsa il-halka hormat, ýurduna söýgüdir. Türkmen halky üçin ata Watan, ene toprak hemme zatdan eziz hem mukaddesdir. Watan türkmen halkynyň teniniň hem ýüreginiň bir bölegidir.

Ata Watanyň mähri türkmen halky üçin hemme zatdan zyýadadyr. Türkmen özüniň



Watana dahyllydygyny, oňa gerekdigini, zerurdygyny kalby, on iki süňňi bilen duýanda özüni bagtly hasaplaýar. Watany söýmek, Watanyň mukaddesligine uýmak, Watana sygynmak türkmeniň ata-baba aňyrdan gelýän gadymy hem müdimi dessuryna, ygrarly ynanjyna siňipdir. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynda hem nygtalyşy ýaly, Watanyň beýikligi, mukaddesligi hakyky mazmunynda açylanda, öňde goýlan maksat durmuşa geçýär. Häzirki döwürde dünýäde durmuşa höwesliligi, hyjuwlylygy artdyrmaga kömek edýän kitaplar köp okalýar. Şeýle kitaplaryň ýaşlara öz ukyplaryny açmaga ýardam edýän halatlary hem köp bolýar. Şol bilimleri hem watançylykdan aýratynlykda göz öňüne getirmek kyndyr. Esasy bilim, iň wajyp terbiýe watançylykdadyr. Beýik ösüşlere ýetmek üçin ilki Watany söýmegi öwrenmeli.

Türkmeniň ruhy-ahlak, ynsanperwerlik häsiýetlerine ýugrulyp döredilen milli gymmatlyklarymyz Watany, keremli topragy, gözel tebigaty, eziz halky, ata-enäni söýmek, doganlyk mertebesi, goňşuçylyk, garyndaşlyk gatnaşyklary, ulyny sylamak, kiçä hormat goýmak, agzybir bolmak, dost tutunmak, toý toýlamak, hatyra edebini saklamak ýaly milli däp-dessurlarymyz halkymyzyň dünýä yüzündäki mertebesini, at-abraýyny has-da beýgeldýär. Häzirki döwürde ýaş nesilleriň kämil, edep-terbiýeli, giň dünýägaraýyşly, dünýä derejesinde ylymly-bilimli, sagdyn bedenli adamlar bolup ýetişmekleri üçin ähli zerur şertleriň üpjün edilmegi her birimiz üçin hem buýsandyryjy ýagdaýdyr. Ýeri gelende bellesek, ýaş nesliň hemmetaraplaýyn kämil adamlar bolup ýetişmekleri baradaky aladalara ýugrulan möhüm ähmiýetli döwlet Maksatnamalarynda hem nesilleriň kadaly irki ösüşini üpjün etmäge, beden, akyl we ruhy taýdan kemala getirmäge, şeýle hem olary halkymyzyň milli däplerine we umumadamzat gymmatlyklaryna daýanmak arkaly terbiýelemäge gönükdirlen çäreler göz öňünde tutulýar. Birleşen tagallalar esasynda üstünlikli durmuşa geçirýän meýilnamalaýyn işleriň ählisi hem sagdyn, ruhubelent, kämil nesli kemala getirmäge ýardam edýär.

Taryhy ösüşleri başdan geçirýän ajaýyp zamanamyzda biziň döwletimiziň kuwwatyny artdyrmak, ýurdumyzy ösdürmek we dünýä tanatmak, her bir şahsyýetiň zähmetine bagly bolup durýar. Şonuň üçin hem ýurdumyzda her bir adamda, esasan hem, ýaşlarda ýokary ahlak sypatlaryny kemala getirmek baradaky tagallalar altyn geljegimizi has-da şöhratlandyrar.

Şu ajaýyp eýýamda mukaddes ynamy haklajak nesilleri ösdürip ýetişdirmek ugrunda milli terbiýeçilik işine aýratyn ähmiýet berýän Arkadagly Serdarymyza, halypalyk mekdebini kemala getiren Gahryman Arkadagymyza alkyşlarymyz egsilmezdir.

**Orazbibi MUHAMMETDURDYÝEWA,**
*Sakarçäge etrabyndaky «Bagtyýar nesil» atly 4-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçi-usulyýetçisi, Kärdeşler arkalaşygynyň işjeň agzasy.*

# Magtymguly – halkyň öçmez çyragy

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň maddy we ruhy gymmatlyklary ösüşler üçin egsilmez çeşme bolup hyzmat edýär. Hut şonuň üçin hem halkymyzyň asyrlar aşyp kämilleşen medeniýeti, dili, edebiýaty, sungaty, taryhy we gadymy milli mirasy ylmy taýdan içgin öwrenilýär. Gahryman Arkadagymyz: «Magtymguly Pyragy adamzada tämiz ruhly, şirin zybanly ajaýyp şygyrlary miras galdyran akyldar şahyrdyr. Bu günki gün adamzat türkmen halkynyň beýik ogly Magtymguly Pyragynyň hatyrasyny belentde tutup, beýik söz ussadynyň şygyrlaryndan egsilmez ylham, ruhy güýç alýar» diýip bellemek bilen, dana şahyrymyzyň döredijiliginiň uç-gyraksyz ummandygyny we onuň çuňňur öwrenilýändigini nygtaýar.**



**Beýik akyldarymyzyň «Berkarar döwlet istärin» diýen göwün islegi bu günki gün wysalyna gowuşdy. Bize Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň eşret-hözirini görmek bagty miýesser etdi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly kitabynda: «Beýik akyldar öz döredijiliginde türkmen jemgyýetiniň synmaz sütünlerine öwrülen möhüm syýasy-filosofik, jemgyýetçilik-ynsanperwerlik we ruhy-ahlak garaýyşlaryny öňe sürdi. Nusgawy şahyryň bize goýup giden mirasy özboluşly terbiýe mekdebidir» diýip belleýär. Hakykatdanam, Magtymguly Pyragynyň çeper döredijiligi uly terbiýeçilik mekdebidir. Dana şahyryň öwüt-ündewe ýugrulan şygyrlarynda şahsyýet, maşgala, dünýä bilen bagly kämil pikirler öňe sürülýär.**

**Ýylymyzyň ganatly şygary diňe bir medeniýet, sungat, döredijilik işgärlerini däl, ildeşlerimiziň her birini hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen tutumly ýörelgesinden gelip çykýan aýdyň maksatlary asylly işler, ajaýyp eserler arkaly çeper wasp etmeklige hyjuwlandyrýar.**

**Dana şahyr agzybir, özbaşdak döwletiň ýokdugy üçin halkyň şeýle horluklara, jebir-süteme sezewar bolýandygyna akyl ýetiripdir. Şonuň üçin hem şahyr «Türkmeniň», «Döker bolduk ýaşymyz», «Öňi-ardy bilinmez», «Türkmen binasy», «Gidiji bolma», «Il ýagşy», «Ýykmaýan ärden» ýaly goşgularynda türkmen halkyny birleşmäge – bir saçagyň başyna jem bolmaga çagyrypdyr:**

***Gurdugym aslynda bilgil, bu zeminiň myhydyr,***
***Erer ol erkin mydam, budur türkmen binasy.***

**Söz äleminiň ussady, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynyň taryhynda halkymyzyň garaşsyzlygyny, özbaşdaklygyny, çäk bitewüligini arzuwlan şahyr hökmünde tanalýar. Ol döwrüň syýasy gazanynda gaýnap, ähli türkmenleri birleşdirip, özbaşdak türkmen döwletiniň döredilmegini arzuw eden watansöýüji şahyrdyr. Bu pikir şahyryň beýleki şygyrlary bilen birlikde, «Döker bolduk ýaşymyz» goşgusynyň içinden hem eriş-argaç bolup geçipdir.**

**Magtymguly Pyragy ata Watanyny jany-teni bilen söýüpdir. Halky watansöýüjilige çagyryp, ençeme goşgulary döredipdir. Agzybirlikde gerek bolan esasy zatlary bir döwletlilik, bir başa bakmak hasaplan beýik Pyragy birleşmek meýillerini özüniň edebiýat meýdanynda uly yz galdyran «Döker bolduk ýaşymyz», «Il biläni», «Türkmeniň» ýaly şygyrlarynda çeper beýan edipdir. Magtymguly Pyragy halkymyz bir başa, bir döwlete gulluk etse, onda onuň öňünde hiç bir güýjüň durup bilmejegine çuňňur göz ýetirip:**

***Türkmenler baglasa bir ýere bili,***
***Gurudar Gulzumy, derýaýy-Nili,***
***Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili,***
***Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz***

**diýip, çeper beýan edipdir.**

**Akyldaryň «Bir suprada taýýar kylynsa aşlar, göteriler ol ykbaly türkmeniň» diýip belleýşi ýaly, ýurdumyz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ösüşiň täze belentliklerine tarap barýar. Akyldar şahyrymyzyň döredijiligine uly sarpa goýlup, ony dünýä ýaýmakda ýurdumyzyň bagtyýar raýatlarynyň göwün guşuny ganatlandyryp, buýsandyrýan asylly, döwletli işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak bolsun.**

**Tagandurdy TAGANDURDYÝEW,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy, pedagogika ylymlarynyň kandidaty.***

# Sagdyn jemgyýet – bagtyýar durmuşyň kepili

**Ata Watanymyzda ilatyň saglygy ýurduň iň ýokary baýlygy hasaplanýar. Muny hemişe ünsde saklaýan Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek, ýokary bilimli hünärmenleriň taýýarlygyny ýokarlandyrmak boýunça möhüm çäreler yzygiderli durmuşa geçirilýär.**

**Sagdyn durmuş ýörelgelerini ýaýbaňlandyrmak, dürli ýokanç we ýokanç däl keselleriň öňüni almak, olary öz wagtynda ýüze çykarmak hem-de bejermek, ilaty zerur bolan derman we beýleki saglyk maksatly serişdeler bilen üpjün etmek, milli lukmançylykda ýokary bilimli, öz işine ussat hünärmenleriň täze neslini kemala getirmek ýurdumyzda üstünlikli hereket edýän «Saglyk» Döwlet maksatnamasynda ileri tutulýan ugurlardyr. Bu möhüm ähmiýetli resminamada halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge-de aýratyn üns berilýär. Türkmenistan BMG-niň bu ugurda ýöriteleşdirilen düzümi bolan Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Ilat gaznasy, Çagalar gaznasy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy bilen gatnaşyklary yzygiderli ösdürýär. Olar bilen hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlary, çemeleşmeleri ýurdumyzda kabul edilen milli strategiýalarda, maksatnamalardyr meýilnamalarda öz beýanyny tapýar.**

**Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek, her bir adamyň sagdyn we bagtyýar ýaşamagy üçin gönükdirilen borçlaryň biridir. Her bir adam saglygyna üns bermeli. Saglyk ýagdaýy bilen baglanyşykly birahatlyk ýüze çyksa, haýal etmän lukmana ýüz tutmaly. Olar siziň saglyk ýagdaýyňyz boýunça degişli barlaglardan geçmekligi maslahat berer we ugrukdyrar. Lukmanlaryň sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barmak hakyndaky berýän maslahatlaryny dogry berjaý etmek, öz wagtynda lukmana ýüz tutup, degişli barlagdan geçmek we wagtynda bejergi almak wajypdyr. Ýurdumyzda ýola goýlan bu öňüni alyş barlaglary ýokanç däl keselleriň, ýürek-damar keselleriniň, semizligiň**



**öňüni almakda, irki döwürde anyklamakda, netijeli bejermekde ýardam berer.**

**Sagdyn we berk bedenli bolmak üçin witaminlere baý önümleri iýmeli, sagdyn we dogry iýmitlenmeklige ýykgyn etmeli, gün tertibini kadaly alyp barmaly, arassa howada gezelenç etmeli, ukyny kadaly almaly, bedeniňi arassa saklamaly, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly, hereketde bolmaly.**

**Şahsy arassaçylyk düzgünleri hem berjaý edilmelidir. Öýde ulanylýan serişdeler ýagny, sabyn, diş çotgalary aýratyn bolmalydyr. Mundan başga-da, ýatmazdan öň kosmetiki serişdeleri ýüzüňden ýuwup aýyrmaly, dişleri ýuwmaly we suwa düşmegi endige öwürmeli. Umuman, her bir adam beden arassalygyna has köp üns bermeli. Beden tämizligi gündelik aladalaryň birine öwrülmeli. Ýüzüňi her gün iki gezek ýyly suw we ýumşak sabyn bilen ýuwmaly. Mundan başga-da, egin-eşikleriňizi her gün çalşyrynmak hem özüňizi arassa hem-de rahat duýmaga kömek eder. Egin-eşikler ýuwlandan soň ütüklemek hökmandyr, bu kesel ýaýradyjylaryň garşysyna ulanylýan iň bir ygtybarly usullaryň biridir. Ýokarda berlen maslahatlar berjaý edilse, her bir adam öz saglygyna saglyk, gözelligine gözellik goşar.**

**Magtymguly Pyragynyň «Saglygyň gadryny bilgil, hasta bolmasdan burun» diýen dürdäne setirlerinde beýan edilişi ýaly, başyň täjine deňelýän saglyk hakynda aýratyn alada etmek derwaýysdyr. Sagdyn durmuş ýörelgesiniň we şahsy arassaçylygyň kadalaryny berjaý etmek dürli keselleriň öňüni almakda wajyp bolup durýar. Gyş paslynda howanyň üýtgemegi, onda zyýanly tozan bölejikleriniň peýda bolmagy bilen, dürli keselleri döredijі mikroblar, bakteriýalar we wiruslar köpelýär. Bu möwsümde ýüze çykýan kesellere garşy göreşmek üçin, ilkinji nobatda, arassaçylyga, kadaly we dogry iýmitlenmäge aýratyn üns berilmelidir.**

**Behişt OJAROWA,**
***Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň fakultet terapiýasy kafedrasynyň assistenti.***

# Saglygy goraýyş ulgamynda gazanylan üstünlikler

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Geçen ýylyň fewral aýynda hormatly Prezidentimiz ýöriteleşdirilen lukmançylyk desgalarynyň üçüsini – Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezini, Stomatologiýa merkezini we Halkara pediatriýa merkezini gurmak barada Kararlara gol çekdi. Geçen ýylyň mart aýynda türkmen halkynyň Milli Lideriniň gatnaşmagynda bu desgalaryň düýbüni tutmak dabaralary boldy. Arkadag şäheri jemgyýetçilik saglygyny goramak, öňdebaryjy usullary we tehnologiýalary üstünlikli ornaşdyrmak babatda görülýän düýpli çäreleriň aýdyň görkezijisi boldy. Arkadag şäheriniň durmuş infrastrukturasynyň hatarynda 350 orunlyk köpugurly hassahana, 150 orunlyk onkologiýa merkezi, 150 orunlyk Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezi, «Tiz kömek» merkezi, saglyk öýi bar. Bu şäheriň köpugurly hassahanasyna Germaniýa Federatiw Respublikasynyň «KTQ International GmbH» kompaniýasynyň şahadatnamasynyň, şeýle hem Niderlandlar Patyşalygynyň «Philips Medical Systems» kompaniýasynyň güwänamalarynyň gowşurylandygyny bellemek gerek. Ýurdumyzda «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda, saglygy goraýyş ulgamynda kanunçylyk namalarynyň, milli we döwlet maksatnamalarynyň tutuş toplumy kabul edildi. Olar döwrüň talaplaryna we Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň maslahatlaryna laýyklykda yzygiderli täzelenilýär. Şolaryň hatarynda «Türkmenistanda ýokanç däl keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli strategiýa», «Türkmenistanda ilatyň kesellere garşy göreşmek ukybyny ýokarlandyrmak boýunça 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama», «2021–2025-nji ýyllar üçin «Sagdyn ene – sagdyn çaga – sagdyn geljek» atly Milli strategiýa», «Türkmenistany temmäkiden azat ýurda öwürmek boýunça 2022–2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama» hem-de «Türkmenistanda D witamini bilen bagly öňüni alyş çärelerini ýokarlandyrmak boýunça 2023–2028-nji ýyllar üçin Strategiýa» bar. Döwlet Baştutanymyzyň 2023-nji ýylyň oktýabr aýynda gol çeken Kararyna laýyklykda, «Arçman» şypahanasynda goşmaça binalar toplumy gurlar hem-de bar bolan «A» we «B» binalarynyň durky täzelener. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hem innowasion sagaldyş infrastrukturasy işjeň kemala gelýär. Giň gerimli taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň esasy maksady bu ajaýyp künjegiň ägirt uly sagaldyş mümkinçiliklerinden peýdalanmakdan ybaratdyr. Ýurdumyzyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan türkmen işewürleri hem dermanhana ulgamynyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşýarlar. 2023-nji ýylda Kerki we Mary şäherlerinde täze hususy dermanhanalar açyldy. Geçen ýyl ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmak babatdaky oňyn tejribesi BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen düzümleriniň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň, ÝUNISEF-iň we beýlekileriň giň ykrarnamasyna eýe boldy. Şolaryň hatarynda BMG-niň Ösüş maksatnamasy tarapyndan



«Türkmenistanyň Hökümetiniň hemmeler üçin ýokary hilli dermanlara elýeterliligi, lukmançylyk hyzmatlarynyň yzygiderliligini we hilini üpjün etmek arkaly saglygy goraýşyň hyzmatlarynyň ählumumy gurşawynyň ýolunda ösüşi çaltlaşdyrmak boýunça möhüm tagallalary üçin» atly güwänamasyny, BSGG-niň Supramilli referens barlaghanasynyň (Gauting, GFR) degişli güwänamalaryny aýtmak bolar. Täze güwänamalaryň berilmegi milli saglygy goraýyş ulgamynyň abraýynyň barha belende galýandygynyň hem-de ýurdumyzda halkymyzyň saglygyny goramakda, keselleriň öňüni almakda alnyp barylýan nusgalyk işe ýokary baha berilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

**Baýram HOJAGULYÝEW,**
***Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kliniki farmakologiýa okuwly gospital terapiýa kafedrasynyň professory, lukmançylyk ylymlarynyň doktory.***

# Halkara gatnawlar – girdeji çeşmesi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hormatly Prezidentimiziň 2023-nji ýylyň iýun aýynda Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentligine «Boeing» kysymly howa gämileriniň jemi altysyny satyn almak barada Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň «Boeing» kompaniýasy, şeýle-de ABŞ-nyň «TMHCC-AIR 1 LLC» we «TMHCC-AIR 2 LLC» kompaniýalary bilen üçtaraplaýyn şertnamalary baglaşmaga ygtyýar bermek barada gol çeken Kararlary pudagy ösdürmekde täze tapgyryň başlanýandygyny alamatlandyrdy.

Ulag düzümlerinden awiasiýa pudagy ýük daşamak we ýolagçy gatnatmak bilen birlikde, ýurduň ykdysadyýetiniň esasy girdeji çeşmeleriniň biri bolup durýar. Uçarlaryň häzirki zaman parkynyň üstüniň ýetirilip durulmagy bu agentligiň ýerli we halkara ýolagçy hem ýük gatnatmakdaky mümkinçiligini-de artdyrýar. «Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň Aşgabat-Abu-Dabi-Aşgabat ugry boýunça ýolagçy uçar gatnawlaryny gaýtadan dikeltmegi we onuň ilkinji uçuşynyň şu ýylyň 5-nji ýanwarynda amala aşyrylmagy hem munuň aýdyň mysalydyr. Gürrüňi edilýän ugur boýunça uçar gatnawynyň gaýtadan dikeldilmeginiň türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň Birleşen Arap Emirliklerine saparyna gabat gelmegi-de özboluşly mana eýe bolup, ol pudagy ösdürmeklige döwlet derejesinde aýratyn üns berilýändigini görkezýär.

Ýeri gelende bellesek, paýtagtymyz bilen Jidda, Kuala-Lumpur, Hoşimin ýaly şäherleriň arasynda hem yzygiderli ýolagçy gatnawlar ýola goýuldy. Şeýle halkara gatnawlar, islendik ýurt üçin bolşy ýaly, biziň ýurdumyz üçin hem möhüm ähmiýete eýedir. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly



Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde, dürli ýyllarda we yzygiderlilikde iň kämil ýolagçydyr ýük uçarlary bilen ýurdumyzyň awiasiýa parkynyň üstüniň ýetirilmegi pudagyň işini has-da ilerletdi. Häzirki wagtda hereket edýän, Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde, ýurdumyzyň welaýatlarynda we Aşgabat şäherinde gurlan Halkara howa menzilleri içerkidir halkara howa gatnawlarynyň ygtybarlylygyny hem-de howpsuzlygyny berkitmekde aýratyn ähmiýete eýedir. Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde täze Halkara howa menziliniň düýbüniň tutulmagy hem pudagy ösdürmek we daşary ýurtly maýa goýumlaryny çekmek babatda ädilen derwaýys ädimdir. Sagatda 100 ýolagça hyzmat etjek, 200-e golaý işgäri özünde jemlejek, uzynlygy 3 müň 200 metr bolan döwrebap uçuş-gonuş zolagyny, iki öwrüm ýollary, alty howa gämisine hem-de dört dikuçara niýetlenen meýdançany özünde birikdirjek täze howa menzili gurlup ulanmaga berlenden soňra, ol ýurdumyzda gurlan bäşinji Halkara howa menzili bolar. Bilşimiz ýaly, ozal Aşgabat, Türkmenbaşy, Türkmenabat hem-de Kerki şäherlerinde döwrebap Halkara howa menzilleri gurlup, olar häzirki zamanyň öňdebaryjy tejribelerini özünde jemleýär.

Daşary ýurtly awiakompaniýalaryň üstaşyr uçuşlar we uçarlaryň ýangyjynyň üstüni dolmak üçin Türkmenistanyň howa giňişligini peýdalanmaga bolan gyzyklanmalary barha artýar. Howa gatnawlarynyň işjeňligi hem yzygiderli ösýär, çünki awiakompaniýalar Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky has gysga, iň täze dolandyryş we nawigasiýa tehnikalary bilen enjamlaşdyrylan ugurlar boýunça hereket etmegi makul bilýärler.

**Äsalhan KÄRIMOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Ykdysadyýetde halkara hyzmatdaşlygy

Ýurdumyzda oýlanyşykly ykdysady özgertmeleriň durmuşa geçirilmegi halk hojalygynyň pudaklarynyň işini täzeçe, döwrüň talabyna laýyklykda guramaga we ony dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesi esasynda kämilleşdirmäge, milli ykdysadyýetiň özboluşly nusgasyny kemala getirmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistan jemi içerki önüminiň möçberi yzygiderli artýan döwlet hökmünde halkara guramalar tarapyndan belent ykrarnama eýe bolýar.

Garaşsyz Watanymyzda milli ykdysadyýeti durnukly ösdürmek, bazar özgertmeleri mundan beýläk-de ilerletmek, durmuş ulgamynyň durnuklylygyny saklap galmak we ilatyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak boýunça netijeli işler amala aşyrylýar. Ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, eksportyň möçberini artdyrmak, importyň düzümini kämilleşdirmek, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, täze iş ýerlerini döretmek, innowasion, sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça giň gerimli çäreler durmuşa geçirilýär. Uglewodorod çig malynyň uly gorlarynyň özleşdirilmegi bilen utgaşykly alnyp barylýan bu işler milli ykdysadyýetiň pudaklarynda ýokary depginli ösüşi saklamaga mümkinçilik berýär.

Eziz Diýarymyzda daşary ykdysady işiň kämilleşdirilmegine uly ähmiýet berilýär. Dünýä eksportynda, şol sanda uglewodorod serişdeleriniň eksportynda ýurduň paýyny artdyrmak bilen, harytlaryň we hyzmatlaryň täze görnüşlerini dünýä bazarlaryna çykarmak boýunça çäreleriň giň toplumy durmuşa geçirilýär. Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmak




bilen bagly geçirilýän işleriň netijesinde, 2020-nji ýylyň iýulynda Türkmenistana bu guramada synçy hukuk derejesi berildi. 2022-nji ýylyň fewralynda BSG-niň Baş geňeşiniň agza ýurtlary tarapyndan Türkmenistana «goşulýan ýurt» derejesi berildi.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Ýewropa Bileleşiginiň maliýe institutlary bilen netijeli gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly üns berilýär we Ýewropanyň Maýa goýum banky bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça degişli işler geçirilýär.

Hususan-da, Ýewropanyň Maýa goýum banky bilen has ysnyşykly gatnaşyklary ýola goýmak babatda tagalla edilýär. Ýewropanyň Maýa goýum banky 1958-nji ýylda esaslandyryldy. Häzirki wagtda Ýewropa Bileleşigine agza döwletler bu bankyň paýdarlary bolup durýar. Bank dünýäniň 160 döwleti, bank edaralary, BMG we beýleki halkara guramalar, jemgyýetçilik düzümleri, hususy ulgam bilen hyzmatdaşlyk edýär.

Ýewropanyň Maýa goýum banky Ýewropa Bileleşiginiň esasy karz berýän düzüm birligi bolup, dünýäniň iň iri köptaraplaýyn maliýe instituty hökmünde köp sanly taslamalary maliýeleşdirmäge işjeň gatnaşýar. Bu iri maliýe instituty ösüp barýan sebitlerde ösüşiň gazanylmagy, umumy bazary döretmäge mümkinçilik berýän, täze iş ugurlaryny döredýän ugurlara maliýe serişdelerini gönükdirýär.

**Dinar ÝAHIN,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Namibiýanyň täze Prezidenti.** Namibiýanyň wise-prezidenti Nangolo Mbumba ýurduň täze Prezidenti hökmünde kasam kabul etdi. Ol 4-nji fewralda aradan çykan 82 ýaşly Hage Geýngobyň ýerine geçdi. Namibiýanyň täze Prezidenti daşary işler ministri Netumbo Nandi-Ndaýtwany wise-prezident wezipesine belledi.



**Premýer-ministr wezipesine bellendi.** Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew ýurduň Premýer-ministri wezipesine Olžas Bektenowy bellemek baradaky karara gol çekdi. 43 ýaşly Bektenow 2023-nji ýylyň aprelinden bäri Prezident administrasiýasynyň başlygy wezipesinde işledi.



**Merkezi bankyň täze başlygy.** Türkiýäniň Merkezi bankynyň başlygynyň orunbasary Fatih Karahan bu bankyň başlygy wezipesine bellendi. Ol Nýu-Ýorkuň Federal ätiýaçlyk bankynyň ykdysatçysy bolup işläpdi. Karahan Merkezi bankyň başlygy Hafize Gaý Erkan işinden çekilýändigini yglan edeninden soň bu wezipä bellendi.



**Wagt kapsulasy tapyldy.** Niderlandlaryň Gaaga şäherinde 99 ýyllyk wagt kapsulasy tapyldy. Ol patyşa Wilgelm II heýkeliniň içinde saklanyp galypdyr. Wagt kapsulasynda taryhy resminamalar, hatlar we kitaplar gizlenipdir. Tapylan kitaplaryň awtory XIX asyryň meşhur niderland taryhçysy general Fransua de Bas bolup çykdy.



**«Tesla» superkompýuter gurar.** «Tesla» kompaniýasy Nýu-Ýorkuň Buffalo şäherindäki «Gigafactory» zawodynda Dojo superkompýuterlerinden birini gurmak üçin 500 million dollar maýa goýmakçy. Kompaniýa bu taslama üçin ýer saýlanda köp sanly zehinli hünärmenleriň we taslama üçin elýeterli ýeriň bolmagyndan ugur aldy.



**Aýa täze enjamyny uçurar.** Amerikanyň täze «Nova-C» enjamynyň Aýa uçurylyşy şu aýyň içinde meýilleşdirilýär. Enjam NASA-nyň bäş sany ylmy-gözleg guralyny alyp gider. Uçuşy Floridanyň Kanaweral burnundaky kosmodromdan «Falcon 9» raketasy arkaly amala aşyrmak meýilleşdirilýär.



**Iň oňat film öňe saýlandy.** Aleksandr Seryňyň režissýorlygynda surata düşürilen «Şowlulygyň jentelmenleri» komediýasy Russiýanyň «Mosfilm» kinostudiýasynyň bütin taryhynda iň gowy film hökmünde öňe saýlandy. Bu film «Mosfilm. Altyn toplum» teleýaýlymy tarapyndan taýýarlanan sanawda birinji orny eýeledi.



**Plakatlaryň sergisi geçirilýär.** 27-nji ýanwarda Los-Anjelesdäki «George J. Doizaki Gallery» atly ýapon-amerikan medeniýet merkezinde açylan «Iň oňat 100 ýapon plakaty (1945-1989)» atly sergi 18-nji fewrala çenli dowam edýär. Sergide ýurduň 1945-1989-njy ýyllar aralygyndaky çeperçilik işlerini aýdyň görkezýän iň täsirli plakatlar bar.



**50 ýyl zarýadsyz işleýän batareýa.** Hytaýda döredilen atom batareýasy 50 ýyllap zarýadsyz işläp bilýär. «Betavolt» kompaniýasynyň hünärmenleri tarapyndan döredilen çaklaňja batareýa elektrik togyny üznüksiz işläp çykarýar. Kompaniýa smartfonlar üçin niýetlenen bu batareýalary şu ýyl köpçülikleýin öndürip başlamakçy.



**Syýahatçylyk girdejileri ýokarlandy.** Türkiýäniň syýahatçylyk girdejileri 2022-nji ýyla garanyňda, 17% ýokarlanyp, 2023-nji ýylda 54,3 milliard dollara ýetipdir. Türkiýäniň medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoýyň aýtmagyna görä, geçen ýyl bu ýurda 56,7 million syýahatçy gelip, bu 2022-nji ýyldakydan 10% köpdür.

## TARYHDA ŞU GÜN



**Amerikanyň «Boeing» kompaniýasy tarapyndan öndürilen «Boeing 747» uçary 1969-njy ýylyň 9-njy fewralynda ilkinji uçuşyny amala aşyrdy. Äpet uçar döredilen wagty iň uly, iň agyr we iň giň ýolagçy uçary bolup, 2005-nji ýylda «Airbus 380» peýda bolýança, 35 ýyllap bu ugurda öňdeligi eýelemegini dowam etdirdi.**

## DÜNÝÄ REKORDYNY GAZANDY

«Roskosmos» döwlet korporasiýasynyň kosmonawty, kosmonawtlar toparynyň serkerdesi Oleg Kononenko kosmosda sarp eden umumy wagty boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Ol 4-nji fewralda orbitada 878 gün 12 sagatdan gowrak wagt bolup, kärdeşi Gennadiý Padalkadan öňe geçdi. Gennadiý Padalka 2015-nji ýylda 878 gün 11 sagat 29 minut 48 sekunt kosmosda bolup, rekord goýupdy. Hemmesini jemläp alanyňda, 59 ýaşly Kononenko iki ýarym ýyl töweregi wagtyny orbitada geçirdi. Şeýlelikde, bu ýyl Halkara Kosmos Stansiýasynda (HKS) bir ýyllap dowam eden ekspedisiýa gatnaşan Kononenko, 1000 günlük tejribesi bolan ilkinji kosmonawt bolar. Kononenko 2008-nji ýyldan bäri Halkara Kosmos Stansiýasyna (HKS) bäş gezek uçuşyny amala aşyrdy. Kononenko stansiýanyň yzygiderli kämilleşdirilmegi sebäpli her uçuşyň seresaplylyk bilen taýýarlyk talap edýändigini, kosmonawt bolup



işlemegiň bolsa, özüniň çagalyk arzuwydygyny belledi.

– Kosmonawt bolmak meniň çagalykdan arzuwymdy. Men rekord goýmak üçin däl-de, diňe gowy görýän hünärim bilen meşgul bolmak üçin kosmosa uçýaryn. Bu höwesim uçuşlarymy dowam etdirmäge itergi berýär – diýip, Kononenko aýtdy. Kononenkonyň HKS-e soňky uçuşy 2023-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda başlandy. Häzirki wagtda «Soyuz MS-24» kosmiki gämisinde Kononenkonyň ýanynda russiýaly Nikolaý Çub we amerikaly kosmonawt Laurel O'Hara bar.

Kononenko ol ýerde bir ýyldan gowrak wagt, ýagny şu ýylyň 23-nji sentýabryna çenli bolar. Şu ýylyň 5-nji iýunynda onuň kosmosda geçiren umumy wagtyna 1000 gün dolýar.

Halkara Kosmos Stansiýasy, ABŞ bilen Russiýanyň kosmos pudagyndaky hyzmatdaşlygynda esasy ugurlaryň biri bolmagynda galýar. Geçen ýylyň dekabr aýynda «Roskosmos» kosmonawtlary HKS-e 2025-nji ýyla çenli ibermek boýunça NASA bilen uçuş maksatnamasynyň uzaldylýandygy barada mälim etdi.

## ALIÝEW GAÝTADAN SAÝLANDY

**Azerbaýjanyň häzirki Prezidenti, bäşinji möhlete dalaş edýän Ilham Aliýew, 7-nji fewralda Respublikada möhletinden öň geçirilen Prezident saýlawlarynda 92,05% ses bilen ýeňiş gazandy. Bu barada ýurduň Merkezi saýlaw komissiýasynyň başlygy Mazahir Panahow sesleriň 93%-den gowragy sanalandan soň mälim etdi.**

**Ikinji orny 2,19% ses bilen parlamentiň deputaty Zahid Oruç eýeleýär. Ondan soň 2% ses bilen Beýik döreýiş partiýasynyň başlygy Fazil Mustafa, 1,76% ses bilen «Azerbaýjanyň birleşen halk fronty» partiýasynyň başlygy Gudrat Hasanguluýew, 0,8% ses bilen «Milli front» partiýasynyň başlygy Razi Nurullaýew, 0,67% ses bilen «Beýik Azerbaýjan» partiýasynyň başlygy Elşad Musaýew, 0,53% ses bilen Azerbaýjanyň Liberal demokratik partiýasynyň öňki başlygy Fuad Aliýew gelýär.**

**Merkezi saýlaw komitetiniň maglumatlaryna görä, saýlawlara gatnaşyk 76,73%-e deň boldy. Prezidentlik ugrunda 7 dalaşgär bäsleşdi. Saýlawlar 125 saýlaw okrugynyň 6537 saýlaw uçastogynda geçirildi. Ses berişlige 790 halkara synçy gözegçilik etdi. Olar 72 halkara gurama we 89 ýurda wekilçilik edýär. Ýerli synçylaryň umumy sany 89 müň 366 adam. Şeýle-de, saýlawlara 109 halkara mediýa gurluşynyň 216 wekili gatnaşdy. Azerbaýjanda Prezident 7 ýyl möhlete saýlanýar. 10 milliondan gowrak ilaty bolan Azerbaýjan Respublikasy Günorta Kawkazyň iň uly ýurtlarynyň biridir.**



## Deňiz kenarlaryndan magdan almakçy

Geçen ýylyň ahyrynda Norwegiýanyň parlamenti ýurduň deňiz kenarlaryndaky çuňluklardan magdan gazyp almaga girişmek barada karar kabul etdi. Batareýalarda, telefonlarda, elektroulaglarda we ýel turbinalarynda ulanylýan magniý, kobalt, mis, nikel ýaly elementler «ýaşyl» ykdysadyýete geçmek üçin möhüm minerallar hasaplanýar.

Ýöne bu karar milli we halkara derejesinde seslenme döretdi. Norwegiýaly alymlar peýdaly magdanlary çuň suwdan gazyp almak meselesine şübheli garap, bu işiň töwekgelçilikdigine ynanýarlar. Köp ýurtlar we kompaniýalar bolsa, deňziň düýbündäki magdanlaryň gazylyp alynmagyna garşy çykýarlar. Çünki çuň deňiz gurşawy barada bilimiň juda azdygyny we magdan gazyp almagyň deňiz ekoulgamyna öwezini dolup bolmajak zyýan ýetirip biljekdigini öňe sürýärler. Ýewropa Bileleşigi öz gözükdirmesinde bu taslamanyň daşky gurşawa ýetirjek täsirleri doly öwrenilýänçä şeýle taslamalary goldamak niýetiniň ýokdugyny mälim etdi.

Brýusselde geçirilen maslahatdan soň Ýewropa Parlamenti ýakyn wagtda Norwegiýanyň deňiz kenarlaryndaky magdanlary gazyp almak baradaky çözgüdine baha berýän karar kabul etmegine garaşylýar. Norwegiýanyň Premýer-ministri Ýonas Gar Stýore Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýene hat iberip, Norwegiýanyň hökümetiniň deňziň düýbündäki minerallaryň Ýewropa üçin



durnukly we ygtybarly gorlara öwrülip biljekdigine ynanýandygyny belledi.

Ýonas Gar Stýore, magdan gazyp alyş işlerine entek girişilmändigini we ol ýeriň haýsydyr bir rugsat berilmezden öň barlanylmalydygyny belleýär.

– Barlaglar Norwegiýanyň öňdebaryjy gözleg institutlary tarapyndan geçirilmeli, ýöne kompaniýalar hem bu işe çekilmeli – diýip, Premýer-ministr belledi.

## Çip önümçiligine serişde bölüp berer

**ABŞ-nyň häkimiýeti ýurtda zawod gurmak üçin ösen ýarymgeçirijileri öndürýän kompaniýalara milliardlarça dollar subsidiýa bermegi meýilleşdirýär. Bu barada «Wall Street Journal» neşiri habar berýär. Neşiriň habaryna görä, 52,7 milliard dollar möçberindäki subsidiýa bazaryň «Intel» we «Taiwan Semiconductor Manufacturing Co» (TSMC) ýaly ägirtleriniň arasynda paýlanar. Bu, akylly telefonlarda, emeli aňda we beýleki ulgamlarda ulanylýan ösen ýarymgeçirijileriň önümçiligini ýokarlandyrmaga ýardam berer diýip, neşir ýazýar.**



**«Intel»-iň 43,5 milliard dollarlyk gurluşyk taslamalarynyň, TSMC-niň bolsa, 40 milliard dollarlyk iki zawod gurmak taslamasynyň bardygy bellenilýär. Mundan başga-da, «Micron Technology», «Texas Instruments» we «GlobalFoundries» ýaly beýleki ýokary tehnologiýaly kompaniýalar hem subsidiýa almaga dalaş edýärler. Taslamalar durmuşa geçirilende serişdeler tapgyrlaýyn bölünip berler.**

**Şeýle-de, Koreýa Respublikasynyň «Samsung Electronics» we «SK Hynix» kompaniýalary dünýäniň çip öndürýän iň uly klasterini döretmek üçin 471 milliard dollar maýa goýýar.**

## Salwadoryň Prezidenti ýeňiş gazandy

**4-nji fewralda Salwadorda geçirilen Prezident saýlawlarynda häzirki Prezident Naýib Bukele sesleriň 85%-i bilen ýeňiş gazandy. Bu barada Merkezi Amerika Respublikasynyň Ýokary saýlaw kazyýetiniň web sahypasynda habar berilýär.**

**Naýib Bukele üçin 1 million 295 müň 888 ses, iň ýakyn bäsdeşi, öňki deputat Manuel Flores üçin 110 müň 244 ses berlip, jemi 1,56 million ses hasaba alyndy.**

**Naýib Bukele saýlawlarda 85%-den gowrak ses alyp, ýeňiş gazanandygyny we onuň «Täze pikirler» partiýasynyň bolsa, parlament saýlawlaryndan soň Kanun çykaryjy assambleýada (bir palataly) 60 orundan 58-sine eýe bolandygyny aýtdy.**

**Merkezi Amerikadaky bu ýurt gündogarda we demirgazykda Gonduras, günbatarda Gwatemala bilen serhetleşýär we günortada Ýuwaş ummany bilen ýuwulýar. Ýurduň ilaty, takmynan, 6,5 million. Salwador Merkezi Amerikadaky meýdany iň kiçi hem-de iň gür ilatly ýurt**



**bolup, sebitde Karib deňzine çykalgasy bolmadyk ýeke-täk döwletdir. Bu ýurt ummanlaryň diňe birine çykalgasy bolan Merkezi Amerikanyň iki döwletiniň biridir: beýlekisi bolsa diňe Karib deňzine çykalgasy bolan Beliz döwletidir.**

## FAO: azyk önümleriniň bahasy arzanlaýar

Ýanwar aýynda dünýäde azyk önümleriniň bahalary 2023-nji ýylyň dekabr aýy bilen deňeşdirilende, 1% arzanlady. Bu barada FAO-nyň (BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasy) aýlyk hasabatynda mälim edilýär. Däne önümleriniň bahasy dekabr aýy bilen deňeşdirilende, 2,2% arzanlady. Muňa eksport edijileriň arasyndaky bäsdeşlik, şeýle-de Günorta ýarymşardan bazara dänäniň gelip gowuşmagy sebäp boldy. Argentinada hasyly ýygnamak möwsümi başlan badyna mekgejöweniň nyrhy birden peseldi diýlip, hasabatda bellenilýär.

Etiň bahasy 1,4% arzanlady, şunda pese gaçyş eýýäm ýedi aý bäri hasaba alynýar. Guş etiniň arzanlamagy gowşak isleg we önümiň bollugy bilen baglydyr. Goýun eti bolsa, import isleginiň artmagy netijesinde gymmatlady. Ösümlik ýagynyň bahasy diňe 0,1% ýokarlandy. Palma we günebakar ýagynyň bahasy ýokarlansa-da, soýa we raps ýagynyň bahasy arzanlady.

Süýt önümleriniň bahasy dekabr aýy bilen deňeşdirilende üýtgemedi. Mesgäniň we gury süýdüň bahasy aziýaly satyn alyjylar tarapyndan




islegiň artmagy sebäpli gymmatlady, tersine, ýagsyz süýdüň we peýniriň nyrhlary arzanlady. Şekeriň bahasy 0,8% ýokarlandy. Bu ýagdaý Braziliýada, Tailandda we Hindistanda ýagşyň ýeterlik derejede ýagmandygy we şekerçiňrik hasylynyň pes bolandygy bilen düşündirilýär.

## ÝAZ IR GELER

Şu ýyl ýaz ir geler. Bu barada ABŞ-nyň Pensilwaniýa ştatynyň Panksatoni şäherçesiniň «halk meteorology» hasaplanýan Fil atly surok habar berdi. Müňlerçe syýahatçylaryň we ýerli ýaşaýjylaryň gatnaşmagynda «Surok klubunyň» wekilleri bäş kilogram agramly gemrijini süreninden çykaryp, onuň hereketlerini synladylar. Öňden gelýän yryma görä, eger-de jandar öz kölegesinden ürküp, sürenine sümülse, onda gyş ýene-de 6 hepde dowam eder. Eger-de jandar öz kölegesine pitiwa etmese, onda ir geljek ýaza garaşybermeli.

Bu däp-dessurlarda gemrijileriň hereketi synlanyp, ýazyň näwagt geljekdigi kesgitlenilýär. ABŞ-nyň daşky gurşawy goramak boýunça milli merkeziniň maglumatlaryna görä, soňky ýyllarda Filiň çaklamalary köplenç dogry bolup çykypdyr. ABŞ-da Surok güni 2-nji fewralda bellenilip geçilýär.

Ilkinji gezek Panksatonide Surok güni 1887-nji ýylyň 2-nji fewralynda resmi taýdan bellenip, bu wakadan bir ýyl öň ýerli «Spirit» gazetinde mundan beýläk her ýylyň 2-nji fewralynyň Surok güni diýlip yglan ediljekdigi habar berilýär. Soňra bu däp-dessur 1993-nji ýylda Garold Ramisiň režissýorlygynda surata düşürilen «Surok güni» filmi bilen bütin dünýäde meşhurlyk gazanýar.



Däp bolşy ýaly, Surok güni festiwallary ABŞ-nyň we Kanadanyň birnäçe şäherinde geçirilip, bu ýerde ýerli suroklar arkaly howanyň nähili boljakdygyny çaklaýarlar. Filiň eýeleri bu jandarlaryň 1886-njy ýyldan bäri ýazyň haçan geljekdigi barada çaklamalary öňe sürýändigini belleýärler.

## Energiýa pudagyna 67 milliard dollar maýa goýar

**Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi ýurduň energiýa pudagyna ýakyn bäş-alty ýylda 67 milliard dollar maýa goýuljakdygyny aýtdy. Ol bu barada 6-njy fewralda Goa şäherinde öz işine başlan Hindistanyň energiýa hepdeliginiň açylyş dabarasynda aýtdy. Premýer-ministriň sözlerine görä, hökümetiň amala aşyrýan özgertmeleri netijesinde tebigy gaz önümçiligi ösýär we ýurt esasy energiýa sarp edilişinde gazyň paýyny 6%-den 15%-e çenli ýokarlandyrmak üçin tagalla edýär.**

**– Geljek bäş-alty ýylda maýa goýumlary, takmynan, 67 milliard dollar bolar – diýip, ol belledi.**

**N. Modi Hindistanyň bioýangyç pudagynda öňegidişligini belläp, oňa etanolyň goşulmasynyň ep-esli artandygyny, 2014-nji ýylda 1,5%-den 2023-nji ýylda 12%-e çenli ýokarlanandygyny aýtdy. Bu,**




**takmynan, 42 million metrik tonna uglerod zyňyndylarynyň azalmagyna getirdi.**

**– Hökümet 2025-nji ýyla çenli benzine 20% etanol goşmagy maksat edinýär - diýip, Modi belledi. Energiýa hepdeligi birnäçe ýurduň energiýa ministrlerini we köp sanly myhmany bir ýere jemledi.**

## MARSDAKY GALYNDYLARYŇ MUKDARY HASAPLANDY

**Adamzat heniz Marsa aýak basmasa-da, ol ýerde adam tarapyndan döredilen kosmos galyndylary köpelip ugrady. Alymlar soňky 53 ýylda Marsa gonan kosmiki gämileriň galyndylarynyň doly kartasyny döretdiler. ABŞ-nyň Günbatar Wirjiniýa uniwersitetiniň barlag geçirijileriniň pikiriçe, şu güne çenli Marsda 7,12 tonna galyndy toplanyp, bu bir Afrika piliniň agramyna barabardyr.**

**Marsda toplanan galyndylara, esasan, metal enjamlarynyň bölekleri, ýylylyk geçirmeýän ekranlar, ulanylan paraşýutlar, perler, buraw bölekleri we mata torlary girýär. Mundan başga-da, hatardan çykan enjamlar Gyzyl planetada galýar. Olaryň arasynda taryhda ilkinji gezek Marsyň üstüne gaçan «Mars-2» sowet gonuş enjamy bar. Ol 1971-nji ýylyň maý aýynda şowsuzlyga uçraýar.**

**«Beagle 2» britan enjamy 2023-nji ýylyň dekabr aýynda Gyzyl planeta gonandan soň, aragatnaşygyny ýitirdi. NASA-nyň «Ingenuity» dikuçary, perinde dörän näsazlyk sebäpli uçmak ukybyny ýitirenden soň, 2024-nji ýylyň 18-nji ýanwarynda missiýasyny tamamlady.**

**Alymlar ylmy açyşlar bilen missiýalaryň uzakdaky planetalaryň tebigy gurşawyna täsiriniň arasynda deňagramlylygyň bolmalydygyny belleýärler. Galyndylar meselesi diňe Marsa gonan wagty komponentleri taşlamaýan ýa-da gözlegleri tamamlandan soň Ýere dolanyp bilýän kosmos gämileri arkaly çözülip bilner. «Marsa geljekde boljak missiýalar kosmos galyndylaryny ýygnap biler, ýöne bu birnäçe onýyllykdan soň başa barar» diýip, «Daily Mail» habar berýär.**



Gündelik täzelikleri «zamanturkmenistan.com.tm» saýtyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

## 9-njy fewral –

# BÜTINDÜNÝÄ PIZZA GÜNI



Pizza dünýäde iň halanýan tagamlaryň biridir. Italýan aşhanasyndan gözbaş alýan «tekiz çörek» bütin dünýäde meşhurlyk gazanyp, ÝUNESKO-nyň Bütindünýä gymmatlyklarynyň bir bölegine öwrüldi. Her ýylyň 9-njy fewralynda Bütindünýä pizza güni bellenilip geçilýär. Asyl nusgada taýýarlanýan neapol pizzasy «hakyky pizza» hasaplanyp, oňa pomidor we mozarella peýniri goşulýar. Hakyky pizza taýýarlananda konditer önümlerine niýetlenen un däl-de, çörek önümleri üçin üwelen ýokary belokly un saýlanýar. Pizza üçin hamyr el bilen ýa-da pes tizlikli mikser bilen ýugrulýar. El bilen basylyp ýazylan hamyryň galyňlygy 3 millimetrden geçmeli däl. Adatça hakyky pizza pomidor goýultmasy çalnyp, üstüne dilimlenen pomidor, gyrgyçdan geçirilen mozarella peýniri we zeýtun goýulýar. Pizza 485 dereje gyzgynlykda 60-90 sekuntda bişirilýär. Hakyky pizza ýumşak we hoşboý ysly bolýar. XIX asyryň başlarynda oýlanyp tapylan bu tagamyň häzirki wagtda 687 görnüşi bar. Olardan rim pizzasy, lasio pizzasy, rustika, al taglio, romana, wena, kapriçoza, dört peýnir pizzasy, ak pizza, injirli pizza, sisiliýa pizzasy, dört bölekli pizza we pisana pizza meşhur görnüşler hasaplanýar. Pizzanyň ululygy köke ýaly «pizzetta» atly kiçijik görnüşi hem taýýarlanýar. Her ýyl dünýäde 30 milliarddan gowrak pizza iýilýär.

**TARYHY**

Gadymy müsürliler, rimliler we grekler irki döwürlerde çöregiň üstüne ir-iýmiş, bişirilen et goýup iýen hem bolsalar, pizzanyň oýlanyp tapylan ýeri Italiýanyň Neapol şäheri hasaplanýar. Bu şäher miladydan öňki 600-nji ýyllarda grekler tarapyndan döredilip, 1700-1800-nji ýyllar aralygynda has gülläp ösýär. Şol ýyllar neapollylar azyk ýetmezçiliginiň öňüni almak üçin çalt hem isrip edilmän iýlip bilinjek täze tagamy – pizzany oýlap tapýarlar. Bahasy hem arzan bolan bu tagam arasyndan ikä kesilen tegelek çöregiň üstüne pomidor, peýnir, ýag, ansi we sarymsak goýlup taýýarlanypdyr. Ilkibaşda halanmadyk bu iýmit soňra etden, peýnirden, deňiz önümlerinden, kömelekden, gök önümlerden we miwelerden taýýarlanyp başlanýar. Bu tagam eýýäm XIX asyryň ahyrlarynda tagam sanawynda öňdäki orny eýeläp, Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem-de Amerikada meşhurlyk gazanýar. Wagtyň geçmegi bilen pizza adaty taýýarlanyş usulyndan üýtgedilip, dürlüçe usulda müşderilere hödürlenip başlanýar. Italýan şäherlerinde aýratyn pizza restoranlary we pizza bişirijiler peýda bolýar. XX asyrda müşderileriň sargytlarynyň yzy üzülmeýändigi sebäpli, doňdurylan ýarym taýýar pizzalar peýda bolýar. Esasan hem, Amerika ýurtlarynda pizza eltip berijiler täze usuly oýlap tapýarlar. Olar indi pizzany restoranda bişirip äkitmän, şäheriň dürli ýerlerinde içinde mikrotolkun peji bolan sargyt awtoulagynda müşderileriň jaňyna garaşýarlar. Eltip berijiler sargyt edilen badyna doňdurylan ýarym taýýar pizzany mikrotolkun peçde gyzdyryp, az salymda müşderilere gowşurýarlar. Hatda şol ýyllar pizza restoranlarynyň arasynda «Kim çalt eltip bermeşek» ýaryşlary hem guralýar.

Bütindünýä pizza güni diňe bir Italiýada däl, eýsem, tutuş dünýäde bellenip geçilýär. Baýramçylyk mynasybetli çalt we köp pizza iýmek ýaryşlary, iň uly pizza, iň uzyn pizza we iň agyr pizza bäsleşikleri hem geçirilýär. Şeýle hem sergiler, ýarmarkalar we pizza taýýarlamak boýunça sapaklar geçirilip, ussat pizza aşpezlerine baýraklar gowşurylýar.

### Gyzykly maglumatlar

- 1830-njy ýylda Italiýanyň Neapol şäherinde ilkinji pizza restorany açylýar.
- Pizza sözüni eşidende amerikalylar duýdansyz ýylgyryp goýberýärler. Pizza gamburgerden soň Amerikada iň meşhur 2-nji tagam hasaplanýar.
- ABŞ-da her sekuntda 350 dilim pizza iýilýär. Şeýle-de bolsa, pizzany adam başyna iň köp iýýän ýurt Norwegiýa hasaplanýar.
- Ilkinji doňdurylan ýarym taýýar pizza 1962-nji ýylda satuwa çykýar.
- 1987-nji ýyldan başlap, oktýabr aýy ABŞ-da resmi taýdan Milli pizza aýy diýlip yglan edilýär.
- Filadelfiýada pizza muzeýi bar. «Pizza Brain» atly bu muzeý 2011-nji ýylda Ginnesiň rekordlar kitabyna «pizzanyň iň uly ýygyndysy» hökmünde hasaba alynýar.
- Häzirki wagta çenli hasaba alnan iň uly pizzanyň ululygy 13 müň inedördül metrden gowrak bolup, 2012-nji ýylda Rimde taýýarlanýar.
- Pizza dürli ýaşdaky adamlar üçin lezzetli tagamlaryň biri bolup, soňky ýyllarda miweli we şokoladly desert pizzalar hem taýýarlanyp başlandy.
- Amerikalylaryň 36 göterimi ertirlik naharynda pizza iýýärler.
- Pizzanyň dünýäde 687 görnüşi bolup, iň meşhury peperoni hasaplanýar.
- Ýaponiýada pizza peýnire derek maýonez goşulýar.

# Alo, ol ýerde biri barmy?!

**Her gün köp gezek ulanylýan «alo» sözi telefonda gepleşmegiň möhüm bölegine öwrüldi. Ilkibaşda «halo» (salam) görnüşinde ýüze çykan bu söz tehnologiýanyň we medeni täsirleriň ösmegi bilen «alo» görnüşinde ulanylyp başlanýar. Telefon jaňlarynda ulanylan bu ýönekeý salamlaşmak usuly soňlugy bilen has ýörgünli bolup, bütin dünýä ýaýraýar. Köpler «alo» sözüni telefony oýlap tapyjynyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Bu hakykatdan hem şeýlemikä? Geliň, telefonyň oýlanyp tapylyşy we telefon gepleşiginde ulanylan ilkinji sözler bilen tanyş bolalyň!**

Öý telefonynyň ilkinji nusgasy amerikan-kanada inženeri Aleksandr Greýam Bell tarapyndan oýlanyp tapylýar. Bell 1876-njy ýylyň 10-njy martynda telefony oýlap tapandan soň, ilkinji telefon söhbetdeşliginde şu jümläni ulanýar: «Jenap Watson, bärik geliň, sizi göresim gelýär». Şuňa meňzeş jümläni hiç kimiň ulanmandygy sebäpli oýlap tapyjy gysgarak bir söz tapmalydygyna düşünýär. Öý telefonlarynyň köp öýe çekilmegi



bilen bu ýagdaý üýtgeýär. Şeýlelikde, Bell öz döwürdeşi, amerikan oýlap tapyjysy Tomas Edison bilen bilelikde telefonda «halo» sözüni ulanmaly diýen karara gelýärler. Ýöne «halo» sözüni «salam» manysynda däl-de, «Ol ýerde biri barmy?» diýen manyda ulanyp başlaýarlar.

**«ALO» SÖZI NÄDIP DÖREÝÄR?**

Öý telefonlarynyň ulanylyp başlanan ilkinji ýyllarynda jaňy alan adam beýleki tarapyň sesini eşidip-eşitmeýändigini barlamak üçin «halo» sözüni ulanypdyr. Wagtyň geçmegi bilen telefon liniýalary has gowulaşýar. Şeýle bolansoň, «halo» sözüni jaň edýän adam däl-de, telefony galdyrýan adam «salam» manysynda ulanyp başlaýar. Oksford iňlis sözlüginde berlişine görä, «halo» nemes dilindäki «hala, halon, holon» sözlerinden gelip çykyp, esasan, gämini garşy almak üçin ulanylypdyr. Bu söz fransuz diline «holo» görnüşinde geçip, «kim bar, ol ýerde» diýen manyny aňladypdyr. Soňlugy bilen iňlis diline «hello» görnüşinde ornaşan bu söz «salam» diýen manyda ulanylyp başlanýar. Telefonda ulanylan «halo» sözi gämiçileriň yşarat bermek üçin ulanan sözi bolup, fransuzça manysyna görä alnypdyr. Köp halkda «halo» sözündäki «h» sesi düşürilip, «alo» diýip kabul edilipdir. Her halkyň medeniýeti we dil gurluşy bilen baglylykda telefon söhbetdeşliginde ilkinji söz hökmünde «alo» sözünden başga-da, dürli sözler ulanylýar. Umuman, durmuşymyzyň möhüm bölegine öwrülen telefon gepleşigi gyzykly taryhy başdangeçirmelere eýedir.

# Saçy guratmazdan uklamaň!

**Köp adam, esasan, gyş günlerinde irden däl-de, agşam ýatmazdan ozal ýuwunmagy kem görmeýär. Sebäbi irden ýuwnan badyňa doly guranman daşaryk çykmak dürli kesellere sebäp bolup bilýär. Şeýle bolansoň, agşam ýatmazdan ozal ýuwunmak maslahat berilýär. Saçy guratman uklamak hem adam saglygy üçin zyýanly netije berip biler. Esasan hem, howanyň sowuk günlerinde saçy guratmazlyk saglyga oňaýsyz täsir etmek bilen bir hatarda, saçyň zaýalanmagyna hem getirip biler. Eýsem, saçy guratmazlyk nämelere sebäp bolup biler?!**



- Öl saç gury saça görä has gowşak bolýar. Öl saç bilen uklananda saçyň tarlary döwülýär. Ýagny ýassykda kelläni eýlä-beýlä öwürmek arkaly güýçli sürtülme emele gelip, saçyň tarlaryna zeper ýetýär.
- Kähalatda guradylmadyk saç bilen uklananda irden turup bulam-bujar bolandygyny görýäris. Soňra bulam-bujar saçy düzetmek üçin ýene suwlamaly bolýar. Bu bolsa hem wagtyňy alýar, hem-de ýene saçyň öl bolmagyna sebäp bolýar.
- Saçyňy ýuwup guratman ýatmak immuniteti gowşadyp, kellede we bedende sowuklama döredip ýa-da dümew alamatlaryna sebäp bolup bilýär. Ýatylýan otag sowuk bolsa şeýle ýagdaýlaryň ýüze çykmak ähtimallygy has hem ýokary bolýar.
- Bilşimiz ýaly, suw bilen ýylylygyň birleşmegi bakteriýalaryň çalt köpelmegine sebäp bolýar. Öl saç bilen uklananda kelledäki ýylylyk bilen ýassykdaky çyglylyk birleşip, bakteriýa döredýär. Şeýle ýagdaýa sezewar bolnan halatynda antibakterial serişdeler bilen ýassykdaşy ýuwmaly we gurandan soň ütüklemeli.
- Saçdaky çyglylyk uzak wagtlap saklanan halatynda kelledäki ýylylygyň täsiri netijesinde saçyň düýbünde goňak gatlagy emele gelýär. Çyglylyk saçyň tebigy ýagyny aýyrýar we goňagyň döremegine sebäp bolýar. Şeýle hem saçyňy guratman uklamak saçyň reňkiniň üýtgemegine we gurak görünmegine sebäp bolup biler.
- Saçyňy ýuwup guratmazlyk kömelek ýokançlyklaryny döredip, saçyň düşmegine getirip biler. Şeýle hem saçyň düýbünde düwürtigiň emele gelmegine sebäp bolup biler.
- Umuman, saçy ýuwanyňdan soň guratmazlyk saglyk üçin zyýanly bolup, bu ýagdaýa ünsli çemeleşmeli. Saçy agşam ýatmazdan 2-3 sagat öň ýuwmaly. Saçy guratman mata süpürgiç bilen orap goýmak saglyk üçin has-da zyýanlydyr. Şol sebäpli saçy ýuwanyňdan soň guradyp, timar bermegi endik etmeli.

## ÇAGALAR

**Uly adamlar üçin 6-7, ýetginjekler we çagalar üçin 8-10 sagat uklamak zerurdyr.**



# IR ÝATYP, IR TURMAGY ENDIK EDIŇ!

Mähriban çagalar! Megerem, siz ukynyň her birimiz üçin örän wajypdygyny bilýänsiňiz. Ukymyz tutanda, beýniniň işjeňligi biraz peselýär. Uky bedeniň dynç almagyny üpjün edýär. Wagtly-wagtynda dynç almak immuniteti hem güýçlendirýär. Gündelik ukynyň dowamlylygy ýaş aýratynlygyna görä üýtgeýär. Adam ýadaw bolsa, bedenimiz ukuda wagty köp energiýa harçlaýar. Telewizoryň başynda köp wagtlap, esasan hem, gijäniň bir mahalyna çenli oturmak ukynyň hiline ýaramaz täsir edýär. Şeýle hem wagtynda ýatylanda, adamyň has oňat düýşleri görýändigi aýdylýar. Şonuň üçin hem ir ýatyp, ir turmagy endik etmeli. Uly adamlar üçin 6-7, ýetginjekler we çagalar üçin 8-10 sagat uklamak zerurdyr.

**Eýsem, janly-jandarlar näçe wagt uklaýarka?!** Mysal üçin, pişikler gije-gündiziň dowamynda 16 sagadyny uklap geçirýärler. Kitlerdir delfinler howpdan goranmak üçin az uky bilen oňňut etmeli bolýarlar. Žiraflar dyzynda ýatsa, ýolbarslar arkanlygyna ýatýarlar. At we goýun dik duran ýerinde uklap bilýär. Ýarganatlar bolsa, gündizine garaňky ýerlere girip, başaşak uklaýarlar. Gijesine bolsa, iýmitlenmek üçin daşary çykýarlar.

# Dişiňizi ýuwduňyzmy?

**Arassaçylyk adam üçin iň derwaýys zatlaryň biri. Çünki arassaçylyk saglygyň girewidir. Wagtly-wagtynda arassaçylyk işlerini talabalaýyk ýerine ýetirmek: ýatýan otagyňy tämizlemek, egin-eşigiňe serenjam bermek, nahardan öň we soň eliňi ýuwmak, saçyňa we dyrnagyňa timar bermek – bularyň ählisi peýdaly endiklerdir. Arassaçylyk düzgünlerine degişli endikleriň arasynda dişiňi ýuwmak hem bar. Eýsem, dişiňi haçan we näçe wagt ýuwmaly?**

Bilermenler dişi her gün iki gezekden köp ýuwmagy maslahat bermeýärler. Esasan hem, dişi agşam naharyndan soň, ýatmazdan öň ýuwmak saglyk üçin örän peýdalydyr. Uzakly gün agyzda toplanan iýmit galyndylaryny ýatmazdan öň arassalap aýyrmak rahat uklamaga ýardam edýär.



Diş çotgasyna noýba dänesi ýaly ululykda diş pastasyny damdyrmaly. Pastany aşa köp guýmak maslahat berilmeýär. Dişi azyndan 2 minutyň dowamynda arassalamaly. Çaltlyk bilen arassalananda dişleriň arasyndaky iýmit galyndylary doly aýrylmaýar. Şol sebäpli howlukmazdan dişleri ýeterlik derejede çotgalamaly. Pastanyň köpürjigini doly derejede agyz boşlugyndan aýyrmaly. Munuň üçin agzyňy birnäçe gezek çaýkamaly. Dişleri arassalamagy başga zatlara üns bermezden we geplemezden ýerine ýetirmeli. Diş pastasyny bilmezden ýuwutmak ýa-da köpürjikli suwy içmek saglyk üçin zyýanlydyr.

Diş çotgasynyň we pastanyň çagalaryň ýaş aýratynlygyna görä niýetlenen görnüşini saýlamaly. Şeýle hem her 3 aýdan diş çotgasyny çalşyp durmaly. Diş çotgasynyň könelmegi agyz boşlugynda ýaralaryň we mikroblaryň döremegine getirip biler. Diş çotgasyny ýörite gapda hem-de sabyndyr ýuwujy serişdelerden uzak ýerde saklamaly.

# *Näme üçin käbir agajyň* ýapragy düşmeýär?

**Daş-töweregimize syn edenimizde gyş paslynyň dowam edýändigine garamazdan, käbir agaçlaryň we ösümlikleriň gök öwsüp otorandygyny görýäris. Aslynda, agaçlaryň aglabasynyň ýapraklary güýz paslynda düşýär. Agaçlaryň ýapraklarynyň we pürleriniň düşýän wagty pasla, ösüp oturan geografik ýerine we howanyň ýagdaýyna bagly bolýar. Hemişe gök öwsüp oturýan agaçlaryň ýapraklary we pürleri hem düşýär. Emma ol bir wagtda däl-de, ýylyň dowamynda ýuwaş-ýuwaşdan bolýar. Agaçlaryň gyşyn-ýazyn gök öwüsmeginiň ýene bir sebäbi bu agaçlaryň ýapraklarynyň kiçi bolmagyna baglydyr. Bu ýapraklar iýmit**



**öndürmegi üçin has az yşyk talap edýär. Şol sebäpli güýz paslynyň gelmegi bilen, güneşli howanyň azalmagy olara has az täsir edýär. Emma bularyň hem Gün düşmeýän tarapyndaky ýapraklary düşüp bilýär. Bu agaçlaryň ýapraklary täzelenende olaryň aşagyndaky ýapraklary düşýär, ýokarsyndan bolsa täzeleri peýda bolýar.**

**Ösümligiň ýapragynyň düşmeli wagtyny howanyň üýtgemegi ýaly daşky täsirler kesgitleýär. Ösümlikleriň ýapraklarynyň düşmegi olaryň iýmit, energiýa, suw zerurlygyny azaltmaklaryna hem-de sowuk we gurak howada indiki bahara taýýarlyk görmegine ýardam edýär. Olaryň köpüsi ýylyň ähli wagtynda al-ýaşyl öwüsýän bolsa, köpüsi dürli görnüşli agaçdyr ösümlikler bolup, diňe käbiriniň ýapragy düşýär. Maglumatlara görä, Ýer ýüzüniň 31 göterimini (4,06 milliard gektar) tokaýlyklar düzýär.**

## Zehin synagy

- Bir tennis raketkasy bilen bir topuň jemi bahasy 110 manat. Raketkanyň bahasy topdan 100 manat gymmat bolsa, topuň bahasy näçe?

Jogaby: 5 manat.

- Gülälegiň elinde jemi 40 sany çigildem bardy. Ol çigildeminiň ýarysyny jorasyna, dörtden birini jigisine sowgat berdi. Gülälekde näçe sany gül galdy?

Jogaby: 10.

- Eger-de kenguru bir gezekde 13,5 metre böküän bolsa, 891 metr aralyga barmak üçin näçe gezek bökmeli bolar?

Jogaby: 66.

- Bir çöpüň ýerini üýtgedip, deňlemäni çözüň?







**Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!**



**10 tapawudy tapyň!**










# Athanaly mülk

San-Isidroda ýaşaýan dostum Monti Roberts athanaly mülküň hojaýyny. Bir gün ol meni öýüne myhmançylyga çagyrdy. Ol meni dostlary bilen tanyşdyrandan soň, başyndan geçirenleri barada gürrüň berdi.

Gürrüň bu ýerde maşgalasy oňşuk üçin hemişe ondan-oňa göçüp-gonup ýören ýaş ýigit barada barýar. Bu ýagdaý onuň mekdepdäki okuwynyň arasyny üzmäge sebäp bolýar. Ol ýokary synpa baranda, mugallym okuwçylara mekdebi gutaranlaryndan soň kim bolmagy arzuw edýändikleri barada düzme ýazmagy tabşyrýar.

Monti şol gije rançonyň, ýagny uly athanaly mülküň hojaýyny bolmagy arzuw edýändigi barada uzyn düzme ýazýar. Ol düzmesinde geljekki arzuwy barada jikme-jik gürrüň berip, hatda atýataklaryň, türgenleşik geçilýän aýlawyň ýerleşişini görkezýän uly mülküň meýilnamasyny düzýär. Soňra ýetginjek özüniň ýaşamak isleýän uly jaýynyň hem jikme-jik meýilnamasyny düzýär.

Ertesi gün ýetginjek düzmesini mugallymyna eltip berýär. Mugallym iki günden soň onuň düzmesini yzyna gaýtaryp, onuň soňuna kanagatlanarsyz baha goýýar. Ýetginjek sapakdan soň galyp, mugallymdan, özüne pes baha goýmagynyň sebäbini soranda ol şeýle jogap berýär:

– Seniň athanaly mülk baradaky arzuwlaryň boljak zat däl ahyryn. Ony gurmak, atlary satyn almak ummasyz köp pul talap edýär. Siziň maşgalaňyz bolsa, belli bir mekany bolman, hemişe ondan oňa göçüp-gonup ýörenler dälmi näme? Sen düzmäňde bu zatlar üçin ilki ýer satyn aljakdygyň barada hem ýazypsyň. Sende ýeterlik serişdäniň ýoklugy sebäpli bu boş arzuwlaryňy amala aşyryp bilmersiň. Eger-de sen täzeden düzme ýazyp, haýsydyr bir oňaryp biläýjek işleriň hakda mesele gozgasaň, onda kanagatlandyraýjak bahany goýaýmagym hem mümkin.

Ýetginjek lapykeç halda öýlerine gelip, mugallymyň aýdanlary barada uzak wagtlap pikir edýär. Ol kakasyndan näme etse gowy boljakdygy barada soranda, ol şeýle jogap berýär:

– Oglum, sen diňe öz aklyň bilen ýaşamalysyň. Men bu mesele barada diňe seniň özüň belli bir karara gelmeli diýip pikir edýärin.

Aradan bir hepde geçensoň ýetginjek düzmäniň ýekeje harpynam üýtgetmän, ony mugallymyna eltip berýär. «Goý, men kanagatlanarsyz baha alaýyn, ýöne men arzuwyma ikilik edip biljek däl» diýip, ol öz ýanyndan pikir ýöredýär.

Soňra Monti oturanlara bakyp, şeýle diýdi:

– Ine, görşüňiz ýaly, häzir siz şol meniň ýetginjeklik ýyllarym arzuw eden athanaly mülkümde otyrsyňyz. Meniň arzuwlarym baradaky mekdepde ýazan şol düzmämi bolsa, daşyny çarçuwalap, diwardan asyp goýdum. Ýöne bu wakanyň dowamy hem bar. Iki ýyl mundan ozal şol mekdep mu-

Jek Kenfild, amerikan ýazyjysy.

hekaýa



gallymy okuwçylary bilen meniň athanaly mülküme gelip, myhmançylykda bolup gitdiler. Ol yzyna gaýtjak wagty maňa şeýle diýdi:

– Men käwagtlar özümi şol döwürde seniň arzuwlaryňa badak uran ýaly duýýaryn. Ýöne her niçikde bolsa sen berlen baha boýun synman, işjanly ýigit bolup ýetişdiň. Sen öz arzuwlaryňa böwet bolmagyma ýol bermediň. Öz böwrüňi diňle! Bu durmuşyňda iň möhüm zatdyr.

*Rus dilinden terjime eden* **Dursun MERETGELDIÝEWA,**
*Türkmenbaşy şäherindäki 13-nji orta mekdebiň okuwçysy.*

# DÜNÝÄNIŇ IŇ ÝAŞ ÝAZYJYSY

Birleşen Arap Emirliklerinde Al-Maha Raşid Al-Meýri atly üç ýaşly gyzjagaz «Gül» we «Balary» atly çagalara niýetlenen iki powestini neşir etdirip, taryhda iň ýaş ýazyjy boldy. Onuň bir günde her iki kitabynyň müňden gowrak nusgasy satylyp, Ginnesiň rekordlar kitabynda ykrar edilen dünýäniň iň ýaş ýazyjysy boldy.

Al-Mahanyň hekaýalara we surat çekmäge bolan gyzyklanmasy, çagalar üçin niýetlenen fantaziýa žanryndaky hekaýalary ýazmagyna sebäp bolýar. Al-Maha öz hekaýalary arkaly okyjylara daşky gurşaw meseleleriniň ähmiýetini ýetirmäge synanyşýar.

– Geçen ýylyň noýabr aýynda Dubaýda geçirilen COP28 konferensiýasyna gatnaşanymyzda, Al-Mahanyň daşky gurşaw temasy bilen baglanyşykly hekaýalary döretmek pi-



kirleriniň bardygyny bilip galdym. Maslahata gatnaşanymyzdan soň, daşky gurşawy goramagyň möhümdigine we çagalara bu mesele barada bilim bermegiň zerurdygyna düşündik. Al-Maha okamak endikleriniň ýaşlykdan ösdürilip bilinjekdigini subut edip, özüniň başarnygy we höwesi bilen bizi haýran galdyrýar – diýip, Al-Mahanyň ejesi gürrüň berdi.

Häzirki wagtda Al-Mahanyň uly gyz dogany iki dilde kitap neşir etmek boýunça gyzlaryň arasynda iň ýaş ýazyjy, agasy bolsa erkekleriň arasynda iň ýaş ýazyjydyr. Çagalaryň ejesiniň belleýşi ýaly, onuň doganlary Al-Mahanyň hem ýazmaga bolan höwesini oýarypdyrlar. Ejeleri çagalaryň zehinini ýüze çykarmagyň, olary terbiýelemegiň we jemgyýetiň öz üstüne jogapkärçiligi alyp biljek işjeň agzalary bolup bilmekleri üçin özlerine bolan ynamyny artdyrmagyň möhümdigini nygtaýar.

# Rus ýazyjylarynyň iň köp satylan kitaplary

Rus ýazyjysy Mihail Bulgakowyň «Ussat we Margarita» romany 2023-nji ýylda rus nusgawy eserleriniň arasynda kagyz görnüşinde iň köp satylan kitap boldy. Geçen ýyl Russiýada bu kitabyň jemi 65 müňden gowragy satylypdyr. Bu barada «Çitaý-gorod» kitap dükany zynjyrynyň metbugat gullugy habar berdi. Bu roman okyjylaryň boş wagty okaýan eserleriniň arasynda iň köp satylany hökmünde baha berildi.



Sanawyň ikinji ornunda Fýodor Dostoýewskiniň «Jenaýat we jeza» romany gelip, geçen bir ýylda bu eseriň 52 müňden gowragy satylypdyr. Ondan soň ýazyjynyň beýleki eserleri «Doganlar Karamazowlar» we «Tentek» ýaly romanlary gelýär. Ýewgeniý Zamýatiniň «Biz» atly romany hem rus nusgawy ýazyjylarynyň iň köp satylan bäş kitabynyň arasynda orun aldy.

– Puşkiniň ilkinji 10-luga girmändigi bellärliklidir. Ýazyjynyň «Kapitanyň gyzy» atly eseri 2023-nji ýyldaky satuwyň netijelerine görä, ýigrimi üçünji orunda gelýär – diýip, «Çitaý-gorod» kitap dükany zynjyrynyň wekilleri bellediler.

Bu kitap dükany zynjyrynyň wekilleri «Ussat we Margarita» hem-de «Jenaýat we jeza» romanlarynyň 2024-nji ýylyň birinji çärýeginde hem satuwda öňdebaryjy boljakdygyna ynanýarlar. Şeýle hem bu ösüş 25-nji ýanwarda prokata çykan «Ussat we Margarita» filmi bilen hem baglanyşyklydyr. Şonuň ýaly hem şu ýyl «Jenaýat we jeza» serialynyň düşürilip gutarylmagyna garaşylýar. Şol bir wagtyň özünde, «Jenaýat we jeza» romanynyň iň meşhur sanly kitap bolandygyny «Çitaý-gorod» kitap dükany zynjyrynyň wekilleri bellediler.

# Emeli aň bilen roman ýazdy

Ýapon ýazyjysy Rie Kudan 2024-nji ýylda abraýly Akutagawa edebiýat baýragyna eýe bolan romanynyň bir böleginiň ChatGPT ýaly generatiw emeli aňyň kömegi bilen ýazylandygyny boýun aldy. Ol bu barada Tokioda geçirilen metbugat ýygnagynda habar berdi.

Ol sýužeti emeli aň bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan «Tokyo-to Dojo-to» (Tokionyň duýgudaşlyk diňi) romany üçin Akutagawa baýragyna eýe boldy. Eseriň mazmunynyň esasynda uzak bolmadyk geljegiň Tokiosynda ýaşaýan zenan binagäriň durmuş hekaýaty durýar. Ol jenaýatçylaryň rahat saklanýan belent diňiniň taslamasyny taýýarlaýar.

– Käwagt başga biri bilen paýlaşyp bilmejek pikirlerim dörände emeli aňa ýüz tutýaryn. Bu kitaby ýazanymda ChatGPT ýaly generatiw emeli aňdan peýdalandym. Kitabyň, takmynan, 5 göterimi emeli aň tarapyndan döredilen sözlemlerden ybarat diýsemem boljak. Men ony netijeli ulanmak arkaly, başarnygymy ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän romanlar ýazmagy dowam



etmek isleýärin – diýip, Rie Kudan metbugat ýygnagynda belledi.

Ýapon edebiýatynyň nusgawy ýazyjysy Rýunoske Akutagawa baýragy 1935-nji ýylda döredildi. Ol dürli ýyllarda Kobo Abe we edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi Kendzaburo Oe ýaly meşhur ýapon ýazyjylaryna gowşuryldy.

# Paýhaslar

☑ Edebiýat halkyň kalbynyň çuňlugyndan döreýär.
***Adam Miskewiç.***

☑ Kelleden galama barýan ýol, kelleden dile barýan ýoldan has uzyn we agyr.
***Frans Kafka.***

☑ Edebiýat sözler arkaly öz-özüňi görkezmek sungatydyr.
***Rýunoske Akutagawa.***

☑ Islendik ynsanyň döredijiligi, goý ol edebiýat, aýdym-saz ýa-da suratkeşlik bolsun, elmydama öz portretidir.
***Samuel Batler.***

☑ Kitap ruhy ýagtylandyrýar, adamy beýgeldýär we güýçlendirýär, onda iň gowy islegleri oýarýar, aňy ýitileşdirýär we ýüregi ýumşadýar.
***Wilýam Tekkereý.***

☑ Edebiýat durmuşa şekil berýär.
***Žan Anuý.***

☑ Hiç wagt özüňize bolan ynamyňyzy ýitirmäň we beýlekilere öz maksadyňyzdan alyp galmaga mümkinçilik bermäň.
***Mişel Obama.***

☑ Gysgalyk – zehiniň dogany.
***Anton Çehow.***

☑ Wagt geçýär, ýöne aýdylan sözler galýar.
***Lew Tolstoý.***

☑ Adamyň mertebesiniň boýunyň uzynlygy bilen ölçelmeýşi ýaly, halkyň beýikligem ilatyň sany bilen ölçelýän däldir.
***Wiktor Gýugo.***

☑ Gabat gelen bilen dost bolanyňdan, ýeke bolanyň ýagşydyr.
***Omar Haýýam.***

☑ Durmuş soňsuz kämillikdir. Özüňi kämil saýmak bolsa, özüňi ýok etmekdir.
***Fridrih Hebbel.***

☑ Gün urgusyndan beýleki urgular jogapsyz galýan däldir.
***Muhammed Ali.***

☑ Adamyň birinji duşmany – onuň özüdir.
***Leonardo da Winçi.***

☑ Ynamyň gutaran ýerinde dostluk hem tamamlanýar.
***Lusiý Anneý Seneka.***

☑ Seniň haýal hereket edýänligiň möhüm däl. Iň esasy zat – togtamaýanlygyň.
***Brýus Li.***

☑ Ykbal bize arzuw edilen zady, eýýäm, şonsuz ýaşamagy öwrenenimizden soňra peşgeş berýär.
***Ogýust Renuar.***

**Sözler gytaklaýyndan başga ähli ugurda «döwülýär». Sözleri tapmagy dowam ediň!**

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| T | R | A | D | I | K | M | A | Z |
| U | R | K | T | O | U | A | O | T |
| Ç | A | G | Ä | R | Ç | K | Y | L |
| A | W | T | M | W | A | R | T | R |
| W | A | O | I | E | L | W | M | A |
| T | G | U | T | S | O | A | Ý | G |
| O | A | L | R | I | P | E | D | A |
| B | U | S | O | E | Ý | Ý | Ü | L |
| M | O | T | L | L | B | U | K | U |
| I | S | O | E | L | E | S | O | U |
| K | L | H | O | N | K | T | R | L |
| Y | R | A | W | A | R | K | G | A |
| W | K | Ş | A | R | I | O | M | B |
| A | D | A | J | I | D | L | Ý | A |
| O | R | B | L | A | Ý | O | N | M |
| S | I | A | S | M | O | M | O | E |
| F | K | L | R | O | N | A | R | T |
| U | K | U | E | L | S | B | T | F |
| N | I | L | R | A | R | A | G | I |
| | | Ý | O | K | Y | Ý | A | L |

**ARABA, GAÝYK, DIKUÇAR, ASMA ÝOL, OTLY, MONORELS, FUNIKULÝOR, GÄMI, AWTOULAG, ULAG, TRAMWAÝ, KWADROSIKL, KRAN, HOWA ŞARY, LIFT, WELOSIPED, AWTOBUS, ~~TROLLEÝBUS~~, ÝÜK, MOTOSIKL, ELEKTROULAG, KOMBAÝN, DIRIJABL, KAMAZ, METRO, TRAKTOR, UÇAR.**

6-njy krosswordyň jogaby:



6-njy skanwordyň jogaby:



## 7-nji SKANWORD





## 7-nji KROSSWORD

**Daýanç MYRADOW,** *Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň mugallymy.*

● **DIKLIGINE:** **1.** «Altyn aşygym, ... gop!» (halk döredijiliginden). **2.** Takyk, kesgitli. **3.** Palma agajyndan taýýarlanýan önüm. **4.** Özara kapyýalaşýan iki setirli beýtlerden düzülen şygyr žanry. **5.** Gruziýada bir derýa. **6.** Hatarda nyzam bilen ýöreýiş täri. **7.** Toýun we çäge gatyşykly kiçiräk takyr, beýikli-pesli ýer. **8.** Gyz ady. **12.** Ýogyn içegäniň başlanýan ýerinde ýerleşýän barmak şekilli ösüntgi. **13.** Horwatiýanyň awtoulag kompaniýasy. **14.** Merkezi Afrikanyň paýtagty. **15.** Halypa bagşy. **17.** Gorky duýgusy, ätiýaç etme. **18.** «... gelip, işlini işden goýar» (atalar sözi). **19.** Baglaýjy kömekçi. **21.** Agaç ýylmanýan, timarlanýan iri dişli ýasy ige. **25.** Oglan ady. **27.** Ümlük. **28.** Düýp. **30.** Okuw esbaby. **32.** Türkmen milli nahary. **33.** Demirgazyk Irlandiýanyň dördünji uly şäheri. **34.** Fransiýaly futbolçy ... Mukiele. **36.** Zäherli ýylanyň bir görnüşi. **37.** Edenine däl diýilmän, aýnadylyp saklanan. **38.** Içi miwe huruşly togalak süýji. **40.** Saz guraly. **43.** Agyr hem uly zatlary çekmek üçin uly ýasy terezi. **45.** Çehiýanyň milli medeni ýadygärligi. **46.** Ýewropa halkynyň edebi ýadygärligi. **47.** Braziliýaly futbolçy ... Peres. **49.** Milli rus dermanlyk çaýy. **50.** Kebelegiň bir görnüşi. **51.** Aýlaryň biri.

● **KESELIGINE:** **4.** Nagyşly ýüpek mata. **9.** Hoşboý ysly žele bilen süýtden taýýarlanan fransuz süýjüligi. **10.** Ýewropada bir döwlet. **11.** Ýapon söweş sungatynyň bir görnüşi. **12.** Baldagy inçe, köp bogunly, gyzgylt, ýere ýazylyp ösýän haşal ot. **16.** Adalatlylygy bilen tanalan Sasanylar döwletiniň soltanlarynyň biri. **20.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **22.** Edebi žanr. **23.** Dänesi iým ýa-da ýarma üçin peýdalanylýan ýazlyk ak ekin. **24.** Igenjeň, käýinip, zeýrenip ýören. **26.** Malyň bagry, öýkeni hem-de eti gazanda gowrulyp, şorsuw emele gelenden soň üstüne suw guýlup bişirilýän çorba. **28.** Gymmatbaha daş. **29.** Balygyň bir görnüşi. **31.** Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. **35.** Gadymy rim ýaşaýyş jaýy. **39.** Gyzgyny ýokary galan ýa-da bir zatdan gorkan adamyň dodagyna çykýan suwluja gabarçyk. **41.** Hindi dili. **42.** Arryk, hor. **43.** Gabarasy, daş görnüşi uly. **44.** Günorta Amerikada iň uly döwlet. **48.** Bil tutulma sindromy. **52.** Bägüle meňzeş gül. **53.** Italiýanyň taryhy şäheri. **54.** Massaçusets ştatynda uly şäher. **55.** Nesýe däl.



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

## Bir sözlemde

› «Golden Steýt Warriors» toparynyň «Atlanta Hawks» toparyndan 141:134 hasap bilen utulan duşuşygynda ýeňlişe sezewar bolan toparyň ýyldyzy Stefen Körri 60 utuk geçirip, ol Kobe Braýantdan soň 35 ýaşdan ýokary bolup, şeýle netije görkezen 2-nji basketbolçy hökmünde hasaba alyndy.

› NBA-nyň toparlaryndan «Filadelfiýa 76ers» toparynyň ýyldyzy, golaýda 70 utuk geçiren 9-njy basketbolçy bolan Joel Embiid dyzyndaky şikesi sebäpli uzak wagtlap duşuşyk geçirip bilmez we ol All Star-yň düzüminden çykaryldy.

› Tennis boýunça zenanlaryň arasynda Awstriýada geçirilen «Linz Açyk» ýaryşynyň finalynda latwiýaly Ýelena Ostapenko russiýaly Ýekaterina Aleksandrowany 6:2, 6:3 hasaplar bilen ýeňip, karýerasyndaky 8-nji kubogyny gazandy.

› Tennis boýunça zenanlaryň arasynda Tailandda geçirilen Açyk ýaryşda russiýaly Diana Şnaýder ýeňiş gazanyp, ol finalda hytaýly Çžu Lini 6:3, 2:6, 6:1 hasaplar bilen ýeňdi we ilkinji WTA çempionlygyny baýram etdi.

› Basketbolyň rowaýaty ýyldyzy, amerikaly Maýkl Jordanyň 1998-nji ýylyň NBA final oýunlarynda geýen aýakgaby «Sotheby's» muzeýinde geçirilen auksionda 8 million dollara satylyp, bu görkeziji sport aýakgaby üçin tölenen iň ýokary pul mukdary boldy.

› Ispaniýanyň Şa Kubogy ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary oýnalyp, «Malýorka»–«Real Sosiedad» duşuşygynda hasap açylmady, «Atletik Bilbao» bolsa myhmançylykda «Atletiko Madridi» Berengueriň 25-nji minutdaky penalti goly bilen 1–0 hasabynda utdy.

› Italiýanyň «Ýuwentus», «Milan», «Fiorentina» klublarynda oýnan we 190 gol bilen «Serie A»-nyň iň köp gol geçiren 9-njy oýunçysy, 1958-nji ýyldaky Dünýä Kubogynyň finalynda çykyş eden şwesiýaly Kurt Hamrin 89 ýaşynda aradan çykdy (ol şol finalda oýnan futbolçylardan ýaşap ýören iň soňky oýunçydy).



### HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*9-njy fewral (anna)*

**Borussiýa D – Fraýburg (00:30)**

*10-njy fewral (şenbe)*

**Man. Siti – Ewerton (17:30)**
**Liwerpul – Börnli (20:00)**
**Tottenham – Braýton (20:00)**
**Roma – Inter (22:00)**
**Baýer – Bawariýa (22:30)**
**Real Madrid – Žirona (22:30)**
**PSŽ – Lill (01:00)**

*11-nji fewral (ýekşenbe)*

**West Ham – Arsenal (19:00)**
**Aston Willa – M.Ýunaýted (21:30)**
**Sewilýa – Atletiko (22:30)**
**Sporting – Braga (23:00)**
**Milan – Napoli (00:45)**
**Nissa – Monako (00:45)**
**Barselona – Granada (01:00)**

*12-nji fewral (duşenbe)*

**Ýuwentus – Udineze (00:45)**
**K. Palas – Çelsi (01:00)**

# Iordaniýa 1-nji, Katar 2-nji gezek finala çykdy

**Katarda ertir tamamlanjak 18-nji Aziýa Kubogynda finala çykan toparlar belli boldy. Öňdebaryjy toparlardan üstün çykyp, ilkinji gezek finala adyny ýazdyran Iordaniýanyň ýygyndysy bilen çempionlygyny saklamak isleýän ýer eýeleri – Kataryň ýygyndysy yklymyň iň ulusy bolmak üçin mundan 2 ýyldan gowrak ozal Argentina bilen Fransiýanyň Dünýä Kubogy ugrundaky duşuşan meýdançasynda göreşerler.**

**ÇÄRÝEK FINALDA**

Çärýek finalda Täjigistanyň ýygyndysy Iordaniýa bilen duşuşyp, 1-0 hasabynda asgyn geldi. Ýeke-täk goly mundan öňki tapgyrda täjikleri öňe çykaran Hanonow 66-njy minutda ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi.

Awstraliýa bilen Günorta Koreýanyň arasyndaky duşuşykda ýeňiji goşmaça wagtda belli boldy. Awstraliýanyň ýygyndysy 42-nji minutda Gudwiniň goly bilen öňe geçse-de, koreýler 90+6-njy minutda Hwan Hi Çanyň penaltiden geçiren goly bilen hasaby deňledi. 104-nji minutda-da Hin Min Sonyň jerime urgusyndan geçiren ajaýyp goly koreýlere ýeňiş getirdi. Saud Arabystanynyň ýygyndysyny-da kembek bilen ýeňen koreýler 11-nji gezek ýarym finala çykdy.



Iki güýçli ýygyndynyň arasyndaky oýunda Eýranyň ýygyndysy Ýaponiýanyň ýygyndysyny 2–1 hasap bilen ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen oýunda ýaponlar Moritanyň 28-nji minutdaky goly bilen 1-0 öňe saýlandy. 55-nji minutda Mohebi hasaby deňlän bolsa, 90+6-njy minutda Jahanbahş penaltini takyk urup, Eýranyň ýygyndysyny 9-njy gezek ýarym finala çykardy. Geçen ýyly yzygiderli ýeňişler bilen tamamlan Ýaponiýanyň ýygyndysy üçin çempionat wagtyndan ir tamamlandy.

Katar bilen Özbegistanyň arasyndaky oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanyp, gollaryň 2-sini hem Merkezi Aziýanyň wekiliniň oýunçylary geçirdi. 27-nji minutda Ýusupowyň awtogoly bilen öňe geçen katarlylaryň derwezesinden hasaby deňlän goly 59-njy minutda Hambrobekow derweză girizdi. Goşmaça wagtda-da hasap üýtgemedi. Penaltileriň netijesinde-de katarlylar 5–3 öňe saýlanyp, ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandy.

## GÜNORTA KOREÝANYŇ 64, EÝRANYŇ 48 ÝYLLYK ÇEMPIONLYK ARZUWY INDIKI ÝARYŞA GALDY

Al Raýýan şäherindäki «Ahmad bin Ali» stadionynda geçirilen ýarym finalyň 1-nji duşuşygynda garaşylmadyk netije hasaba alyndy. FIFA-nyň reýtinginde 87-nji orunda barýan Iordaniýa 23-nji basgançakdaky Günorta Koreýany ýeňlişe sezewar etdi. Netijede, koreýleriň 64 ýyllyk çempionlyk arzuwy ýene-de indiki ýaryşa galdy.





Çekeleşikli geçen oýunda Iordaniýanyň ýygyndysy 2–0 hasabynda ýeňdi. Gollary 53-nji minutda Ýazan Al-Naimat hem-de 66-njy minutda Mousa Sulaiman Al-Taamari geçirdi. Mundan öňki 2 tapgyrda soňky minutlarda hasaby deňläp, soňlugy bilen, ýeňiş gazanan koreýlere bu duşuşykda şol statistikasyny gaýtalamak başartmady. Iordaniýanyň ýygyndysy Günorta Koreýanyň ýygyndysyndan taryhynda ilkinji gezek üstün çykdy. Mundan öňki 6 oýnuň 3-sinde koreýler ýeňiş gazanyp, 3-sinde-de duşuşyk deňlikde tamamlanypdy. Şunlukda, 2004-nji ýyldan bäri gatnaşyp gelýän Iordaniýanyň ýygyndysy 5-nji sapar çykyş edýän ýaryşynda ilkinji gezek finala çykmagy başardy.



* * *

Ýarym finalyň 2-nji duşuşygynda 48 ýyldan bäri çempionlyk gazanyp bilmän gelýän Eýranyň ýygyndysy bilen ýer eýesi, soňky çempion Kataryň ýygyndysy duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda hasaby eýranly futbolçylar açsalaram, olara ýeňiş gazanmak başartmady. Dohadaky «Al Tumama» stadionynda geçirilen duşuşykda 4-nji minutda eýranly hüjümçi Serdar Azmun hasaby açdy. Ýöne ýer eýeleri 1-nji ýarym tamamlanmanka, Gaberiň (17) hem-de Afifiň (43) gollary bilen öňe saýlanmagy başardy. 2-nji ýarymyň başynda Eýranyň ýygyndysy Jahanbahşyň penalti goly esasynda hasaby deňlese-de, 82-nji minutda Almoez Ali oýna soňky nokady goýdy. Eminiň goşan 13 minutynyň ahyrlarynda eýranly futbolçylara hasaby deňlemäge mümkinçilik bolsa-da, derwezäniň sütünine degen top yzyna gaýtdy. Duşuşygyň soňky 10 minutyny Eýranyň ýygyndysy 1 oýunçy kem oýnady. Netijede, Kataryň ýygyndysy 3-2 hasabynda ýeňiş gazanyp, bassyr 2-nji gezek finala çykmagy başardy. Mundan öň 16 gezek ýeňen garşydaşyndan eýranlylar 4-nji sapar utuldy. Iki topar 5 gezek hem deňme-deň oýnapdylar.

### FINAL 10-njy FEWRALDA

**Iordaniýa bilen Kataryň arasyndaky final duşuşygy 10-njy fewralda, ýagny şenbe güni «Lusial» şäherindäki «Lusail» stadionynda oýnalar. Duşuşyk Aşgabat wagty bilen 20:00-da başlar. Iki topar mundan öň 20 gezek özara duşuşdylar. Şolarda Katar 11, Iordaniýa 6 gezek ýeňiş gazandy. 3 oýun hem deňlikde tamamlanyp, gollarda Kataryň ýygyndysy 30–18 öňde barýar.**



**ÇÄRÝEK FINAL**
**TÄJIGISTAN – IORDANIÝA: 0–1** (Hanonow 66 ö.d.)
**AWSTRALIÝA – GÜNORTA KOREÝA: 1–2 g.w.**
(Gudwin 42 – Hwan Hi Çan 90+6 p, Hin Min Son 104)
**EÝRAN – ÝAPONIÝA: 2–1**
(Mohebi 55, Jahanbahş 90+6 p – Morita 28)
**KATAR – ÖZBEGISTAN: 1–1, 3–2 p**
(Ýusupow 27 ö.d. – Hambrobekow 59)

**ÝARYM FINAL**
**IORDANIÝA – GÜNORTA KOREÝA: 2–0**
(Al-Naimat 53, Al-Taamari 66)
**EÝRAN – KATAR: 2–3**
(Azmun 4, Jahanbahş 51 p – Gaber 17, Afif 43, Ali 82)



# Formula 1-de taryhy şertnama

Dünýäniň iň köp tomaşa edilýän awtosport ýaryşlarynyň biri bolan Formula 1-de taryhy waka boldy. 17 ýyllyk F1 karýerasyny «Ferrari» toparynyň gadymy bäsdeşi «McLaren» hem-de «Mercedes» toparlarynda geçiren Hamilton italýan toparynyň düzümine goşular.

F1-iň 7 gezek çempiony, britaniýaly ýyldyz sürüji Lýuwis Hamilton 2025-nji ýyldan başlap, karýerasyny «Ferrari» toparynda dowam etdirer. 39 ýaşyndaky sürüji «Ferrari» bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Resmi däl maglumatlara görä, onuň şol 2 ýyllyk döwürde, 100 million funt sterling hak aljakdygy barada metbugatda bellenilýär. Hamilton geçen möwsümde «Mercedes» toparyndan 27,4 million funt sterling hak alypdy. Hamilton «Ferrari» toparynda ispaniýaly Karlos Saýns Junioryň ornuna geçer. Mälim bolşy ýaly, italýan brendi beýleki sürüjisi, monakoly Şarl Lekler bilen golaýda şertnamasynyň möhletini uzaldypdy. Saýns bilen bolsa şu ýylyň ahyrynda şertnama tamamlanar.

Dünýäniň 7 gezek çempiony bolan Hamilton çempionlyklarynyň 6-syny «Mercedes» toparynda gazandy. 2013-nji ýylda bu topara goşulan Hamilton «Mercedes» toparynyň düzüminde 222 bäsleşikde 82 gezek ýeňiji boldy, 79 sapar hem ýaryşa 1-nji basgançakdan bat aldy. Soňky 2 möwsümde ýeke ýaryşda hem ýeňiş gazanyp görmedik Hamilton 2020-nji ýylda 7-nji çempionlygyny gazanyp, «Ferrari» toparynda 5 gezek çempion bolan rowaýaty sürüji Mihael Şumaheriň rekordyny gaýtalapdy.

F1 karýerasyna 2007-nji ýylda «McLaren» topary bilen başlan Hamilton bu toparda 6 ýyl çykyş edip, 1 çempionlyk gazandy. Hamilton umumylykda F1-de iň köp ýaryşda ýeňiş gazanan (103 ýeňiş), iň köp 1-nji orundan başlan (104), iň köp ýeňiş münberine çykan (197) hem-de yzyny üzmän iň köp ýaryşa gatnaşan (265) sürüjidir.

F1-de iň köp çempionlyk gazanan topar bolan, ýöne 2007-nji ýyldan bäri çempionlygy ýatdan çykaran «Ferrari» toparyna Hamiltonyň nähili goşant goşjakdygyny bolsa wagt görkezer. Şol bir wagtyň özünde, 16 ýyldan bäri çempionlyk gazanyp bilmeýän «Ferrari» toparynyň ulaglary Hamiltonyň hereketlendirijisi «Mercedes»-e degişli bolmadyk ilkinji sürjek ulagy bolar.

# Berdiýew «Dinamo Mahaçkala» toparynyň tälimçiligini taşlady

Russiýanyň 2-nji ligasy bolan «Perwaýa Liganyň» lideri «Dinamo Mahaçkala» toparynyň tälimçisi, ildeşimiz Gurban Berdiýew wezipesini taşlady. Bu barada klubuň resmi saýtynda habar berilýär. Şertnama tälimçiniň islegi boýunça ýatyryldy.

Häzirki wagtda «Dinamo Mahaçkala» Russiýanyň 2-nji ligasynda 20 oýundan soň 37 utuk bilen 1-nji orunda barýar. Klub 2-nji ýerdäki «Himkiden» 1 utuk öňde bolup, «Dinamo» topary Berdiýewiň tälimçiliginde 20 oýunda 11 ýeňiş gazandy. 5 gezek hem utulan topar 4 duşuşykda-da deňme-deň oýnady.

Geçen ýylyň tomsunda «Dinamo Mahaçkala» toparynyň tälimçiligine bellenen 71 ýaşyndaky ussat hünärmeniň ýakyn günlerde indiki tälim berjek toparynyň belli bolmagyna garaşylýar. Gurban Berdiýewiň ady Azerbaýjanyň milli ýygyndysy hem-de Eýranyň «Persepolis» kluby bilen agzalýar.



Gurban Bekiýewiç Berdiýew karýerasy boýunça «Himik Jambul», «Taraz», «Gençlerbirligi», «Kaspiý» «Nissa», «Kristall Smolensk», «Rubin», «Rostow», «Kairat», «Traktor Sazi», «Soçi» ýaly klublara tälim berip, esasanam kazanlylar bilen ýatdan çykmajak ýeňişler gazandy.

# «PREMIER LIGADA» TARYHY REKORD

**Angliýanyň «Premier Ligasynda» 23-nji tapgyryň iň soňky oýnunda «Mançester Siti» myhmançylykda Fil Fodeniň het-trigi bilen «Brentfordy» 3–1 hasabynda utdy. Bu duşuşykda geçirilen 4 goldan soň çempionatda taryhy rekord goýuldy. «Premier Liganyň» 23-nji tapgyrynda oýnalan 10 duşuşykda jemi 45 gol geçirildi. Bu görkeziji bolsa 1995/96 möwsüminden bäri 20 klubuň çykyş edýän döwründe 1 tapgyrda geçirilen iň köp gol boldy. Mundan ozalky rekord 44 gol bolup, 2020/21 möwsüminiň 2-nji tapgyrynda hem-de geçen möwsümiň 34-nji tapgyrynda bu görkeziji hasaba alnypdy.**

**23-nji tapgyryň iň köp golly oýny «Nýukasl»—«Luton Tawn» duşuşygy bolup, klublaryň hersi 4 goly derweză girizdi. Bu tapgyrda diňe 2 kluba gol geçirtmek başartmady.**









**«Liwerpulyň» 15 oýundan soň ilkinji ýeňlişi**

● Angliýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Liwerpul» myhmançylykda «Arsenaldan» 3–1 hasabynda utuldy. Geçen tapgyrda «Çelsini» 4-1 ýeňen «Liwerpul» bu tapgyrda Londonyň başga bir toparyndan utulan duşuşygynda «Arsenala» ýeňiş getiren gollary Saka, Martinelli hem-de Trossar geçirdi. «Liwerpul» çempionatda 15 oýundan soň ýeňildi. Soňky çempion «Mançester Siti» myhmançylykda Fil Fodeniň het-trigi bilen «Brentfordy» 3–1 hasabynda utdy. Mançester şäheriniň beýleki kluby «Ýunaýted» Londonyň başga bir topary «West Hamyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizdi. Gollary Heýlunn bilen Garnaço (2) öz atlaryna ýazdyrdylar. Şowsuz ýörişi dowam edýän «Çelsi» kluby öz meýdançasynda «Wulwerhempton» toparyndan 45 ýyldan soň ilkinji gezek utuldy. 4–1 hasabynda asgyn gelen «Çelsiniň» derwezesinden gollaryň 3-sini Mateus Kunýa geçirdi. «Aston Willa» autsaýder «Şeffild Ýunaýtediň» derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. «Nýukasl» bilen «Luton Tawnyň» arasyndaky oýunda-da 8 gol geçirilip, duşuşykda ýeňiş gazanan bolmady.

### PREMIER LEAGUE (23) — 45 gol

**Ewerton—Tottenham: 2–2** (Harrison 30, Brentwaýt 90+4 — Rişarlison 4, 41), **Börnli—Fulham: 2–2** (Fofana 71, 90+1 — Palinýa 17, Muniz 21), **Braýton—K. Palas: 4–1** (Dank 3, Hinşelwud 33, Buonanotte 34, Žoao Pedro 85 — Mateta 71), **Nýukasl—Luton: 4–4** (Longstaff 7, 23, Trippier 67, Barns 73 — Oşo 21, Barkli 40, Morris 59 p, Adebaýo 62), **Şeffild Ý.—A. Willa: 0–5** (Makginn 12, Watkins 16, Beýli 20, Tilemans 30, Moreno 47), **Bornmut—N. Forest: 1–1** (Kluiwert 5 — Hadson-Odoi 45), **M. Ýunaýted—West Ham: 3–0** (Heýlunn 23, Garnaço 49, 84), **Çelsi—W.Hempton: 2–4** (Palmer 19, T. Silwa 86 — Mateus Kunýa 22, 63, 82 p, Disasi 43 ö.d.), **Arsenal—Liwerpul: 3–1** (Saka 14, Martinelli 67, Trossar 90+2 — Gabriel 45+3), **Brentford—M. Siti: 1–3** (Mope 21 — Foden 45+3, 53, 70)

### LA LIGA (23) — 23 gol

**Atletik—Malýorka: 4–0** (Berçiçe 3, 16, Guruseta 62, Muniain 89), **Walensiýa—Almeriýa: 2–1** (Duro 14, Ýaremçuk 23 — Arribas 5), **Granada—Las Palmas: 1–1** (Mendes 43 — Pehinio 68), **Alawes—Barselona: 1–3** (Omorodion 51 — Lewandowski 22, Gündogan 49, Roke 63), **Žirona—Real Sosiedad: 0–0, Wilýarreal—Kadiz: 0–0, Osasuna—Selta: 0–3** (Strand Larsen 24, De La Torre 25, Duwikas 90), **Betis—Hetafe: 1–1** (Isko 35 p — Grinwud 8 p), **Real Madrid—Atletiko: 1–1** (Diaz 20 — Llorente 90+3), **Raýo Wallekano—Sewilýa: 1–2** (Palason 29 — En-Nesiri 19, 45)

### SERIE A (23) — 28 gol

**Leççe—Fiorentina: 3–2** (Uden 17, Pikkoli 90, Dorgu 90+2 — Mandragora 50, Beltran 68), **Empoli—Jenoa: 0–0, Udineze—Monza: 0–0, Frozinone—Milan: 2–3** (Sule 24 p, Mazzitelli 65 — Žiru 17, Gabbia 72, Ýowiç 81), **Bolonýa—Sassuolo: 4–2** (Witi 24 ö.d., Fabbian 73, Ferguson 83, Salemakers 86 — Torstwedt 13, Wolpato 34), **Torino—Salernitana: 0–0, Napoli—Werona: 2–1** (Ngong 79, Kwarasheliýa 87 — Koppola 72), **Atalanta—Lasio: 3–1** (Paşaliç 16, De Ketelare 43 p, 76 — Immobile 84 p), **Inter—Ýuwentus: 1–0** (Gatti 37 ö.d.), **Roma—Kaliari: 4–0** (Pellegrini 2, Dibala 23, 51 p, Hýoýsen 59)

### BUNDESLIGA (20) — 21 gol

**Haýdenhaým—Borussiýa D: 0–0, Bawariýa—Borussiýa M: 3–1** (Pawlowiç 45, Keýn 70, De Ligt 86 — Elwedi 35), **Bohum—Augsburg: 1–1** (Broşinski 33 — Demirowiç 90+1 p), **Darmştadt—Baýer: 0–2** (Tella 33, 52), **Maýns—Werder: 0–1** (Dukş 2), **Fraýburg—Ştutgart: 1–3** (Kübler 45+11 — Undaw 3, Fürih 7, Mittelştadt 74), **Köln—Aýntraht: 2–0** (Alidu 68, Tilmann 80), **Wolfsburg—Hoffenhaým: 2–2** (Maýer 58, 70 p — Baýer 6, Prýomel 66), **Leipsig—Union Berlin: 2–0** (Openda 11, Şeşko 48)

### LIGUE 1 (20) — 22 gol

**Strasbur—PSŽ: 1–2** (Bakwa 68 — Mbappe 31, Asensio 49), **Renn—Monpelie: 2–1** (Terrie 3, Kalimuendo 48 p — Sawanie 73), **Nant—Lans: 0–1** (Koşta 48), **Monako—Le Hawr: 1–1** (Ben Ýedder 63 — Fofana 65 ö.d.), **Lill—Klermon: 4–0** (Dewid 10, 38, Andre 24, Žegrowa 40), **Mets—Loriýan: 1–2** (Lamkel Ze 22 — Bamba 19, Kaseris 58), **Reýms—Tuluza: 2–3** (Teuma 49, Akieme 90+1 — Mawissa Elebi 11, Babika 31, Dallinga 45+2 p), **Brest—Nissa: 0–0, Lion—Marsel: 1–0** (Lakazett 37)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 23 | 15 | 6 | 2 | 52-22 | 51 |
| 2 | MAN. SITI | 22 | 15 | 4 | 3 | 54-25 | 49 |
| 3 | ARSENAL | 23 | 15 | 4 | 4 | 47-22 | 49 |
| 4 | ASTON WILLA | 23 | 14 | 4 | 5 | 49-30 | 46 |
| 5 | TOTTENHAM | 23 | 13 | 5 | 5 | 49-35 | 44 |
| 6 | M. ÝUNAÝTED | 23 | 12 | 2 | 9 | 31-32 | 38 |
| 7 | WEST HAM | 23 | 10 | 6 | 7 | 36-36 | 36 |
| 8 | BRAÝTON | 23 | 9 | 8 | 6 | 42-38 | 35 |
| 9 | NÝUKASL | 23 | 10 | 3 | 10 | 48-37 | 33 |
| 10 | W. HEMPTON | 23 | 9 | 5 | 9 | 37-37 | 32 |
| 11 | ÇELSI | 23 | 9 | 4 | 10 | 38-39 | 31 |
| 12 | BORNMUT | 22 | 7 | 6 | 9 | 30-41 | 27 |
| 13 | FULHAM | 23 | 7 | 5 | 11 | 30-38 | 26 |
| 14 | K. PALAS | 23 | 6 | 6 | 11 | 26-40 | 24 |
| 15 | BRENTFORD | 22 | 6 | 4 | 12 | 32-39 | 22 |
| 16 | N. FOREST | 23 | 5 | 6 | 12 | 28-41 | 21 |
| 17 | LUTON TAWN | 22 | 5 | 5 | 12 | 32-42 | 20 |
| 18 | EWERTON | 23 | 8 | 5 | 10 | 26-30 | 19 |
| 19 | BÖRNLI | 23 | 3 | 4 | 16 | 24-47 | 13 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 23 | 2 | 4 | 17 | 19-59 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 14 |
| 3 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 14 |
| 4 | Hyn Min SON (Tottenham) | 12 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 11 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 23 | 18 | 4 | 1 | 48-15 | 58 |
| 2 | ŽIRONA | 23 | 17 | 5 | 1 | 52-25 | 56 |
| 3 | BARSELONA | 23 | 15 | 5 | 3 | 47-30 | 50 |
| 4 | ATLETIKO M | 23 | 15 | 3 | 5 | 45-25 | 48 |
| 5 | ATLETIK B | 23 | 13 | 6 | 4 | 42-21 | 45 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 23 | 9 | 10 | 4 | 32-21 | 37 |
| 7 | BETIS | 23 | 8 | 11 | 4 | 26-25 | 35 |
| 8 | WALENSIÝA | 23 | 10 | 5 | 8 | 29-27 | 35 |
| 9 | LAS PALMAS | 23 | 9 | 5 | 9 | 23-20 | 32 |
| 10 | HETAFE | 23 | 7 | 9 | 7 | 29-31 | 30 |
| 11 | OSASUNA | 23 | 7 | 5 | 11 | 26-36 | 26 |
| 12 | ALAWES | 23 | 7 | 5 | 11 | 23-30 | 26 |
| 13 | R. WALLEKANO | 23 | 5 | 9 | 9 | 20-30 | 24 |
| 14 | WILÝARREAL | 23 | 6 | 6 | 11 | 33-45 | 24 |
| 15 | SEWILÝA | 23 | 4 | 8 | 11 | 29-37 | 20 |
| 16 | SELTA | 23 | 4 | 8 | 11 | 24-32 | 20 |
| 17 | MALÝORKA | 23 | 3 | 11 | 9 | 19-30 | 20 |
| 18 | KADIZ | 23 | 2 | 11 | 10 | 15-31 | 17 |
| 19 | GRANADA | 23 | 2 | 6 | 15 | 23-45 | 12 |
| 20 | ALMERIÝA | 23 | 0 | 6 | 17 | 22-51 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 14 |
| 2 | Artem DOWBYK (Žirona) | 14 |
| 3 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 14 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 13 |
| 5 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 11 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 22 | 18 | 3 | 1 | 51-10 | 57 |
| 2 | ÝUWENTUS | 23 | 16 | 5 | 2 | 36-14 | 53 |
| 3 | MILAN | 23 | 15 | 4 | 4 | 46-27 | 49 |
| 4 | ATALANTA | 22 | 12 | 3 | 7 | 40-22 | 39 |
| 5 | ROMA | 23 | 11 | 5 | 7 | 40-26 | 38 |
| 6 | BOLONÝA | 22 | 9 | 9 | 4 | 29-22 | 36 |
| 7 | NAPOLI | 22 | 10 | 5 | 7 | 32-26 | 35 |
| 8 | LASIO | 22 | 10 | 4 | 8 | 25-23 | 34 |
| 9 | FIORENTINA | 22 | 10 | 4 | 8 | 31-25 | 34 |
| 10 | TORINO | 22 | 8 | 8 | 6 | 20-19 | 32 |
| 11 | MONZA | 23 | 7 | 8 | 8 | 21-28 | 29 |
| 12 | JENOA | 23 | 7 | 8 | 8 | 24-26 | 29 |
| 13 | LEÇÇE | 23 | 5 | 9 | 9 | 24-33 | 24 |
| 14 | FROZINONE | 23 | 6 | 5 | 12 | 31-44 | 23 |
| 15 | SASSUOLO | 22 | 5 | 4 | 13 | 28-41 | 19 |
| 16 | UDINEZE | 23 | 2 | 13 | 8 | 23-37 | 19 |
| 17 | WERONA | 23 | 4 | 6 | 13 | 21-32 | 18 |
| 18 | KALIARI | 23 | 4 | 6 | 13 | 21-42 | 18 |
| 19 | EMPOLI | 23 | 4 | 6 | 13 | 15-36 | 18 |
| 20 | SALERNITANA | 23 | 2 | 7 | 14 | 19-44 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 19 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 12 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 11 |
| 4 | Matias SULE (Frozinone) | 10 |
| 5 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 20 | 16 | 4 | 0 | 52-14 | 52 |
| 2 | BAWARIÝA | 20 | 16 | 2 | 2 | 59-19 | 50 |
| 3 | ŞTUTGART | 20 | 13 | 1 | 6 | 46-26 | 40 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 20 | 10 | 7 | 3 | 40-26 | 37 |
| 5 | LEIPSIG | 20 | 11 | 3 | 6 | 44-26 | 36 |
| 6 | AÝNTRAHT | 20 | 8 | 7 | 5 | 30-24 | 31 |
| 7 | FRAÝBURG | 20 | 8 | 4 | 8 | 26-34 | 28 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 20 | 7 | 5 | 8 | 37-39 | 26 |
| 9 | WERDER | 20 | 7 | 5 | 8 | 29-32 | 26 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 20 | 6 | 6 | 8 | 28-35 | 24 |
| 11 | WOLFSBURG | 20 | 6 | 5 | 9 | 25-32 | 23 |
| 12 | AUGSBURG | 20 | 5 | 7 | 8 | 29-37 | 22 |
| 13 | BORUSSIÝA M | 20 | 5 | 6 | 9 | 36-41 | 21 |
| 14 | BOHUM | 20 | 4 | 9 | 7 | 22-38 | 21 |
| 15 | UNION BERLIN | 20 | 5 | 3 | 12 | 19-35 | 18 |
| 16 | KÖLN | 20 | 3 | 6 | 11 | 14-34 | 15 |
| 17 | MAÝNS | 20 | 1 | 9 | 10 | 15-32 | 12 |
| 18 | DARMŞTADT | 20 | 2 | 5 | 13 | 22-49 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 24 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 17 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 14 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 13 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 11 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 20 | 14 | 5 | 1 | 48-17 | 47 |
| 2 | NISSA | 20 | 11 | 6 | 3 | 20-11 | 39 |
| 3 | BREST | 20 | 10 | 6 | 4 | 29-17 | 36 |
| 4 | LILL | 20 | 9 | 8 | 3 | 28-14 | 35 |
| 5 | MONAKO | 20 | 10 | 5 | 5 | 37-28 | 35 |
| 6 | LANS | 20 | 9 | 5 | 6 | 24-19 | 32 |
| 7 | REÝMS | 20 | 9 | 3 | 8 | 27-27 | 30 |
| 8 | MARSEL | 20 | 7 | 8 | 5 | 28-22 | 29 |
| 9 | RENN | 20 | 7 | 7 | 6 | 30-25 | 28 |
| 10 | STRASBUR | 20 | 6 | 7 | 7 | 21-26 | 25 |
| 11 | LE HAWR | 20 | 5 | 9 | 6 | 23-24 | 24 |
| 12 | TULUZA | 20 | 4 | 8 | 8 | 19-27 | 20 |
| 13 | MONPELIE | 20 | 4 | 8 | 8 | 20-25 | 19 |
| 14 | NANT | 20 | 5 | 4 | 11 | 20-31 | 19 |
| 15 | LION | 20 | 5 | 4 | 11 | 20-33 | 19 |
| 16 | METS | 20 | 4 | 4 | 12 | 17-31 | 16 |
| 17 | LORIÝAN | 20 | 3 | 7 | 10 | 26-42 | 16 |
| 18 | KLERMON | 20 | 3 | 6 | 11 | 14-32 | 15 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 20 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 11 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 10 |
| 4 | Jonatan DEWID (Lill) | 8 |
| 5 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 7 |

# Italiýada «Inter» arany açýar

**Italiýanyň çempionatynda** tapgyryň merkezi duşuşygynda – Italiýa derbisinde «Inter» öz meýdançasynda «Ýuwentus» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda «Inter» 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. 17 oýundan soň utulan «Ýuwentusyň» derwezesinden ýeke-täk goly 37-nji minutda turinlileriň goragçysy Gatti ýalňyşlyk bilen geçirdi. «Milan» myhmançylykda «Frozinoneni» Žiru, Gabbia hem-de Ýowiçiň gollary bilen 3–2 hasabynda utdy. Soňky çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Weronany» garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, Ngong hem-de Kwaresheliýanyň gollary esasynda ýeňmegi başardy. Mouriniony wezipesinden boşadan «Roma» täze tälimçisiniň ýolbaşçylygynda 3-nji duşuşygynda hem ýeňiş gazanmagyň hötdesinden geldi. De Ketelareniň 2 gol geçiren oýnunda «Atalanta» «Lasiony» 3–1 hasabynda ýeňdi.



### ÖZARA DUŞUŞYKDAN ÖŇ IKISI-DE DEŇME-DEŇ OÝNADY

**Ispaniýanyň çempionatynda** öňdebaryjy 2 klub özara duşuşygynyň öňüsyrasynda 23-nji tapgyry deňlikde tamamladylar. Galdyrylan duşuşykda «Hetafeni» 2–0 ýeňen «Real» topary Madrid derbisinde «Atletiko» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Diazyň goly bilen öňe geçen Ançelottiniň şägirtleri 90+3-nji minutda Llorenteniň goly esasynda ýeňşi elden giderdi. «Žirona» hem öz meýdançasynda «Real Sosiedad» bilen golsuz deňme-deň oýnady. «Barselona» myhmançylykda «Alawesi» Lewandowski, Gündogan hem-de täze transferi Rokeniň gollary bilen 3–1 hasabynda utdy. Roke 72-nji minutda 2-nji sary kartdan soň meýdançadan çykaryldy. «Raýo Wallekanony» En-Nesiriniň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňen «Sewilýa» 5 duşuşykdan soň ilkinji ýeňşini baýram etdi.



**Germaniýanyň çempionatynda** «Baýer» ýeňlişsiz liderligini dowam etdirýär. Lewerkuzenliler myhmançylykda «Darmştadt» toparyny Tellanyň gollary bilen 2–0 ýeňdi. «Bawariýa» bolsa «Borussiýa M» toparyny kabul edip, garşydaşynyň 1-0 öňe saýlanandygyna garamazdan, Pawlowiç, Keýn hem-de De Ligtiň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. «Borussiýa Dortmundyň» utuk ýitiren tapgyrynda «Ştutgart» myhmançylykda «Fraýburgdan» 3–1 hasabynda üstün çykdy. «Leipsig» bolsa «Union Berlini» 2–0 hasabynda ýeňip, 3 ýeňlişden soň özüni dürsedi.

**Fransiýanyň çempionatynda** PSŽ myhmançylykda Mbappe bilen Asensionyň gollary esasynda «Strasbury» 2–1 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň merkezi oýnunda-da «Lion» öz meýdançasynda «Marseli» Lakazettiň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utdy.

# Nigeriýa 4-nji, Kot-d’Iwuar 3-nji çempionlygyna ymtylýar

**34-nji Afrika Milletler Kubogy ýekşenbe günki final duşuşygy bilen tamamlanar. Finalda yklymyň 2 güýçli ýygyndylaryndan Nigeriýanyň hem-de ýer eýeleri Kot-d’Iwuaryň ýygyndylary duşuşarlar.**

Çärýek finalda Nigeriýa Ademolu Lukmanyň 41-nji minutdaky goly bilen Angolany 1–0 hasabynda utdy. Kongo DR-niň ýygyndysyna Gwineýany ýeňmek kyn düşmedi. Gwineýa Baýonyň goly bilen öňe geçse-de, kongolylar Mbembanyň, Wissanyň hem-de Masuakunyň tapawutlanmagynda 3–1 hasabynda ýeňdi.





Ýer eýeleri Kot-d’Iwuaryň ýygyndysy Mali bilen duşuşdy. Duşuşykda 71-nji minutda Maliniň ýygyndysy Dorgelesiň goly bilen öňe geçdi. 90-njy minutda Adingranyň goly bilen hasaby deňlän ýer eýelerine Diakite 120+2-nji minutda ýeňiş getirdi. Kot-d’Iwuar üçin taryhy kembek bolan duşuşyk Maliniň ýygyndysy üçin dramatik ýagdaýda tamamlandy.

Kabo Werde bilen Günorta Afrikanyň ýygyndylarynyň arasyndaky duşuşygyň esasy wagtynda-da, goşmaça wagtda-da hasap açylmady. Hatda oýundan soňky penaltilerde-de oýunçylara tapawutlanmak kyn düşdi. Netijede, Günorta Afrikanyň ýygyndysy ýerine ýetiren 4 urgusynyň 2-sini, Kabo Werde bolsa 5 urgynyň diňe birini dürs urmagy başardy. 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan GAR-yň ýygyndysy 24 ýyldan soň 4-nji gezek ýarym finala çykdy.

Ýarym finalda Nigeriýa bilen Günorta Afrikanyň ýygyndylary duşuşdy. Oýnuň 67-nji minutda eminiň bellän penaltisini dürs uran Troost-Ekong Nigeriýany öňe çykardy. Duşuşyk şol hasap bilen tamamlanar öýdülýärdi. Hatda Osimhen 2-nji goly hem geçiripdi. Ýöne emin VAR-yň görkezmesi bilen bu goluň öňüsyrasynda bolup geçen waka sebäpli Günorta Afrikanyň peýdasyna penalti urgusyny belledi. Ony-da 90-njy minutda Mokoena dürs urup, hasaby deňledi. Goşmaça wagtda-da hasap üýtgemedi. Oýundan soňky penaltilerde Nigeriýanyň ýygyndysy 4–2 hasabynda üstün çykyp, 8-nji gezek finala çykdy.

Kynlyk bilen toparçadan çykan ýer eýeleri Kot-d’Iwuaryň ýygyndysy ýarym finalda Kongo DR-niň ýygyndysyny Sebastian Halleriň 65-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňip, 5-nji gezek adyny finala ýazdyrdy.

**FINAL 11-NJI FEWRALDA**

Final duşuşygy 11-nji fewralda Abidjandaky «Alassane Ouattara» stadionynda oýnalar. Duşuşyk Aşgabat wagty bilen ýarygijeden soň 01:00-da başlar. Iki topar toparçada hem duşuşypdylar we şonda Nigeriýa Troost-Ekongyň penaltiden geçiren goly bilen 1–0 hasabynda ýeňipdi. Nigeriýanyň ýygyndysy 1980-nji, 1994-nji hem-de 2013-nji ýyllarda çempion bolup, 1984-nji, 1988-nji, 1990-njy hem-de 2000-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi. 1992-nji we 2015-nji ýyllaryň çempiony Kot-d’Iwuar 2006-njy hem-de 2012-nji ýyllarda kümüş medala mynasyp bolupdy. Iki topar özara 26 duşuşyk geçirip, şolarda hersi 8 gezek ýeňiş gazandy (10 deňlik).

10-njy fewralda Günorta Afrika bilen Kongo DR bürünç medal üçin göreşerler (01:00).

**ÇÄRÝEK FINAL**

**NIGERIÝA–ANGOLA:** 1–0 (Lukman 41)
**KONGO DR–GWINEÝA:** 3–1 (Mbemba 27, Wissa 65 p, Masuaku 82 – Baýo 21 p)
**MALI–KOT-D’IWUAR:** 1–2 g.w. (Dorgeles 71 – Adingra 90, Diakite 120+2)
**KABO WERDE–GÜNORTA AFRIKA:** 0–0, 1–2 p

**ÝARYM FINAL**

**NIGERIÝA–GÜNORTA AFRIKA:** 1–1, 4–2 p (Troost-Ekong 67 p – Mokoena 90 p)
**KOT-D’IWUAR–KONGO DR:** 1–0 (Sebastian Haller 65)

# UEFA Çempionlar Ligasynda 2 aýlyk arakesme tamamlanýar

Futbolyň iň eý görülýän klub ýaryşy UEFA Çempionlar Ligasynda 2 aýlyk arakesme tamamlanýar. Geljek hepdäniň sişenbe we çarşenbe günlerinde ýaryşyň 1/8 finalynyň 1-nji duşuşyklarynyň 4-si geçiriler. Galan 4 duşuşyk bolsa soňky hepdäniň sişenbe we çarşenbe günleri oýnalar. Duşuşyklaryň ählisi-de ýarygijeden soň Aşgabat wagty bilen 01:00-da başlanar.




1/8 finalyň ilkinji 2 duşuşygy 13-nji fewralda, sişenbe güni geçiriler. Şol gije «Kopengagen» bilen «Mançester Siti» hem-de «Leipsig» bilen «Real Madrid» klublary duşuşarlar. «Kopengagen» bilen «Mançester Siti» toparlary 5-nji gezek özara duşuşar. Öňki 4 duşuşygyň 2-sinde «Mançester Siti» Angliýada 2-1 we 5-0 hasaplar bilen ýeňse-de, olara Daniýada ýeňiş gazanmak başartmandy (2-2, 0-0).

«Leipsig» bilen bije çekişen ýaryşyň iň köp çempionlyk gazanan kluby «Real Madrid» 1-nji duşuşygyny Germaniýada geçirer. Geçen möwsümde bir toparça düşen klublaryň hersi öz meýdançasynda ýeňiş gazanypdy. Madridde 2-0 ýeňen «Real» myhmançylykda 3-2 hasabynda utulypdy.

1/8 finalyň ýene 2 duşuşygy-da 14-nji fewralda, çarşenbe güni oýnalar. Şol gije Fransiýanyň PSŽ topary öz meýdançasynda Ispaniýanyň «Real Sosiedad» toparyny, «Lasio» bolsa Rimde «Bawariýany» kabul eder. «Park de Prens» stadionyndaky PSŽ–«Real Sosiedad» duşuşygy toparlaryň arasyndaky ilkinji resmi oýun bolar. «Lasio» bilen «Bawariýa» 3-nji gezek özara duşuşyk üçin meýdança çykarlar. Mundan öňki 2 oýunda-da münhenliler 2020/21 möwsüminde 1/8 finalda Rimde 4–1, öz meýdançasynda 2-1 hasaplar bilen ýeňipdi. UEFA Çempionlar Ligasynda 1/8 finalyň galan 4 duşuşygynyň 1-nji oýunlary 20-21-nji fewralda oýnalar.

Şeýle-de, 15-nji fewralda UEFA Ýewropa Ligasynyň hem-de UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynyň pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary geçiriler. 22-nji fewralda oýnaljak 2-nji duşuşyklardan soň pleý-off tapgyrynda ýeňiş gazanan klublar ýaryşy dowam etdirerler. Şol klublar Ýewropa Ligasynyň hem-de Konferensiýa Ligasynyň 1/8 finalyna çykarlar.

15-nji fewralda geçiriljek duşuşyklaryň arasynda Ýewropa Ligasynda «Feýenoord»–«Roma», «Milan»–«Renn», «Benfika»–«Tuluza», «Galatasaraý»–«Sparta Praga», «Şahtýor Donesk»–«Marsel», Konferensiýa Ligasynda bolsa «Ýunion Sent-Žillua»–«Aýntraht», «Betis»–«Dinamo Zagreb» duşuşyklary öňe saýlanýar.



# Transfer täzelikleri

- Fransiýanyň «Lion» topary «West Hamdan» 28 ýaşyndaky alžirli ýarymgoragçy Said Benrahmany möwsümiň ahyryna çenli kärendesine aldy (6 million ýewro tölär) we tomusda-da 14,4 million ýewro berip, ymykly düzümine goşup biler.
- Ispaniýanyň «Betis» topary Angliýanyň «West Ham» toparyndan 27 ýaşyndaky ispan ýarymgoragçysy Pablo Fornalsy 8 million ýewro transfer edip, onuň bilen 2029-njy ýyla çenli şertnama baglaşdy.
- Londonyň «Kristal Palas» topary «Bläkbörnden» Angliýanyň U20 ýygyndysynda hem oýnaýan Adam Wartony 5,5 ýyllyk şertnama bilen 18+4 million funt sterlinge transfer etdi.
- Italiýanyň «Roma» topary «Galatasaraýdan» ispaniýaly çep gyraky goragçy Anheliniony möwsümiň ahyryna çenli kärendesine hem-de «Empoliniň» 20 ýaşyndaky ýerli ýarymgoragçysy Tommazi Baldanzini 10+5 million ýewro transfer etdi.
- «Serie A»-nyň «Fiorentina» topary «Romanyň» 30 ýaşyndaky italýan hüjümçisi Andrea Bellottini düzümine goşup, onuň bilen tomsa çenli kärendesine şertnama gol çekişdi.
- PSŽ 21 ýaşyndaky fransiýaly hüjümçisi Hugo Ekitikeni möwsümiň ahyryna çenli Germaniýanyň «Aýntraht» toparyna kärendesine ugradyp, ony nemes kluby tomusda 30 million ýewrolyk töleg bilen ymykly düzümine goşup biler.
- Braziliýanyň belli klublaryndan «Botafoga» topary ispanlaryň «Betis» toparyndan 23 ýaşly brazil wingeri (ýarymgoragçy) Luis Henrike Andreni 20 million ýewro (brazil futboly üçin rekord baha) transfer edip, onuň bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy.
- Italiýanyň çempionatynda iň aşaky orunda barýan «Salernitana» topary klubsuz bolan, ozal ençeme ýyllap «Bawariýada», şol sanda soňky sapar «Lionda» çykyş eden germaniýaly goragçy Žerom Boatengi öz düzümine goşdy.
- Italiýanyň «Ýuwentus» topary iňlisleriň «Southempton» toparyndan argentinaly 21 ýaşyndaky ýarymgoragçy Karlos Alkarasy kärendesine düzümine goşup (3,7+1,9 million ýewro kärende tölegi), ony möwsümiň ahyrynda 49,5 million ýewro transfer edip biler.
- «Hetafeniň» türkiýeli hüjümçisi Enes Ünal karýerasyny «Premier Liganyň» «Bornmut» toparynda kärendesine dowam etdirer we iňlis topary ony möwsümiň ahyrynda ymykly düzümine goşup biler.
- «Bundesliganyň» çempiony «Bawariýa» topary «Galatasaraýyň» fransiýaly sag gyraky goragçysy Saşa Boeni 30+5 million ýewro transfer edip, 23 ýaşyndaky oýunçy bilen 2028-nji ýylyň tomsuna çenli ylalaşyk gazandy.
- «Serie A»-nyň çempiony «Napoli» topary Angliýanyň «Aston Willa» toparyndan belgiýaly 28 ýaşyndaky merkezi goragçy Leander Dendonker bilen 6 aýlyk kärendesine şertnama baglaşyp, ony möwsümiň ahyrynda 10 million ýewro transfer edip biler.

# Dünýä Kubogy 2026-nyň açylyş hem-de final duşuşyklarynyň geçiriljek stadionlary mälim edildi

**Ýene-de 2,5 ýyldan guraljak 23-nji FIFA Dünýä Kubogynyň açylyş hem-de final duşuşyklarynyň geçiriljek stadionlary mälim edildi.**



**PELE WE MARADONANYŇ KUBOK GALDYRAN STADIONY**

Dünýä Kubogy 2026 üç ýurtda – ABŞ-da, Meksikada hem-de Kanadada geçiriler. Ilkinji gezek 48 ýygyndynyň gatnaşjak çempionatynyň açylyş duşuşygy Meksikanyň paýtagty Mehiko Sitidäki dünýä belli «Estadio Azteca» stadionynda oýnalar. 87 müň 523 tomaşaçy orunlyk stadionda taryhda futbolyň iki uly ägirdi – braziliýaly Pele bilen argentinaly Maradona Dünýä Kubogyny asmana göteripdi.

Dünýä Kubogy 2026-nyň final duşuşygy bolsa Nýu Ýorkdaky «MetLife» stadionynda geçiriler. Amerikan futboly klublaryndan «Nýu Ýork Jaýents» hem-de «Nýu Ýork Jets» klublarynyň duşuşyklaryny geçirýän stadiony 82 müň 500 tomaşaça niýetlenendir.

2026-njy ýylyň 11-nji iýunynda başlanjak çempionat 19-njy iýulda-da tamamlanar. Çempionatda jemi 104 duşuşyk geçiriler. Şol duşuşyklar 16 şäheriň saýlanan stadionlarynda oýnalar. Şäherleriň 11-si ABŞ-nyň, 3-si Meksikanyň, 2-si Kanadanyň şäherleridir. ABŞ-nyň Nýu Ýork («MetLife» – 82 500), Dallas («AT&T Stadium» – 80 000), Kanzas Siti («Arrowhead» – 76 416), Hýuston («NRG Stadium» – 72 220), Atlanta («Mercedes-Benz Stadium» – 71 000), Los Anjeles («SoFi Stadium» – 70 240), Filadelfiýa («Lincoln Financial Field» – 69 796), Siettl («Lumen Field» – 69 000), San Fransisko («Levi’s Stadium» – 68 500), Boston («Gillette Stadium» – 65 878), Maýami («Hard Rock Stadium» – 64 767), Meksikanyň Mehiko Siti («Estadio Azteca» – 87 523), Monterreý («Estadio BBVA» – 53 500), Gwadalahara («Estadio Akron» – 49 850) hem-de Kanadanyň Toronto («BMO Field» – 30 000), Wankuwer («BC Place» – 54 500) şäherleri 23-nji Dünýä Kubogynyň duşuşyklaryny kabul eder.

Iň köp duşuşyk Dallasdaky «AT&T Stadium»-da geçirilip, bu stadionda 9 oýun oýnalar.



Çempionatda jemi 12 toparça bolup, olaryň hersinde 4 ýygyndy çykyş eder. 1–2-nji ýeri eýelänler hem-de 3-nji orunda tamamlanlaryň iň gowy netije görkezen 8-si 1/16 finala çykar.

# 66-njy «Gremmi» baýraklarynyň ýeňijileri



Aýdym-saz äleminiň iň uly sylagy hasaplanýan «Gremmi» baýraklary gowşuryldy. 66-njy «Gremmi» baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy Los Anjelesdäki «Crypto.com Arena»-da geçirilip, ony Trewor Noa alyp bardy. Dabara meşhur aýdymçylar gatnaşyp, olar şowhunyň dowamynda öz ilhalar aýdymlary bilen çykyş etdiler. Dabaranyň dowamynda baýraklaryň aglabasyny zenan aýdymçylaryň gazanmagy aýratyn bellenmäge mynasypdyr.

Dabarada 4 uly baýragyň biri bolan ýylyň albomy baýragyna Teýlor Swiftiň «Midnights» atly albomy laýyk görüldi. Şunlukda, Teýlor Swift «Gremmi» baýraklarynda ýylyň albom baýragyny 4 gezek gazanan ilkinji aýdymçy hökmünde hasaba alyndy. Şeýle-de, bilbil owazly aýdymçynyň ýokarda ady agzalan albomy iň gowy pop wokal albomy diýlen ugurda-da heýkeljige mynasyp boldy.

Dabaranyň ýene bir iň esasy baýraklaryndan diýlip görkezilýän ýylyň ýazgysy baýragy «Flowers» atly aýdymy üçin meşhur aýdymçy Maýli Saýrusa berildi. Ol karýerasy boýunça ilkinji gezek «Gremmi» baýragyna mynasyp görüldi. Saýrusyň bu aýdymy ýylyň iň gowy pop solo ýerine ýetirilişi baýragyna mynasyp boldy.

Ýylyň aýdymy diýlen ugurda «What Was I Made For?» atly aýdymy üçin özboluşly aýdymçy Billi Aýliş ýeňiji diýlip yglan edildi. Ol bu ugurda birnäçe ýyldyz aýdymçydan öňe saýlandy.

Wiktoriýa Mone bolsa ýylyň täze aýdymçysy diýlen baýrak bilen sylaglandy. Onuň «Jaguar II» atly albomy iň gowy R&B albomy diýlip saýlandy.

Meşhur rep aýdymçysy Killer Maýk iň gowy rep albomy («Michael»), iň gowy rep aýdymy («Scientists & Engineers»), iň gowy rep ýerine ýetirilişi («Scientists & Engineers») ýaly baýraklary gazandy.

Jek Antonoff ýylyň prodýuseri, Teron Tomas ýylyň aýdymynyň sözüni ýazyjy baýraklary bilen sylaglandy.

Tanymal aýdymçy SZA hem dabaradan 3 baýrak bilen dolandy. Onuň Fibi Brijjers bilen bilelikde ýerine ýetiren «Ghost in the Machine» atly aýdymy iň gowy pop duo/topar baýragyna laýyk görüldi. Galyberse-de, onuň SOS albomy iň gowy «Progressive R&B» albomy, «Snooze» atly aýdymy-da iň gowy R&B aýdymy diýlip saýlandy. Dabaranyň iň köp baýrak gazanan aýdymçysy Fibi Brijjers bolup, ol 4 «Gremmi» heýkeljigini gazandy.




# TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

## Hormatly talyplar we ene-atalar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, «Talyp karzy» atly bank karzyny hödürleýär.

«Talyp karzy» Türkmenistanyň raýaty bolan, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara degişli okuwyň tölegini tölemek üçin gaýtadan dikeldilýän karz ugry boýunça berilýär.

**Karzyň möçberi:** Okuwyň tölegini tölemek baradaky şertnama laýyklykda ýa-da hasap sypatnamada görkezilen möçberde nagt däl görnüşinde;

**Göterim derejesi:** ýyllyk 5 göterim;

**Möhleti:** 5 ýyla çenli.

Karzyň üpjünçiligi hökmünde girew emlägi ýa-da üçünji tarapyň zamunlygy kabul edilýär.

Hormatly talyplar we ene-atalar! Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Talyp karzyndan» peýdalanmak isleýän müşderileriniň ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasy arkaly onlaýn görnüşinde kabul edýändigini ýatladýar.



**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: 44-02-65; 44-03-04.**
**Şahamçalarymyzyň salgylaryny we telefon belgilerini bankyň resmi internet sahypasyndan alyp bilersiňiz.**